TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HALKYŇ ABADAN, ASUDA WE BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAMAGY HAKYNDAKY ALADA DÖWLET SYÝASATYMYZDA HEMIŞE ÖŇE SÜRÝÄN BAŞ MAKSADYMYZDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
20-nji aprel, 2023. Belgisi 16/1530



# MÖWSÜMLEÝIN OBA HOJALYK IŞLERI GYZGALAŇLY DOWAM EDÝÄR

*17-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary A.Ýazmyradowyň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen bagly meselelere garaldy.*

Welaýatlaryň häkimleri ekin meýdanlarynda alnyp barylýan oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda ideg işleri dowam edýär, hususan-da, ekine ösüş suwuny tutmak, ony mineral dökünler bilen iýmitlendirmek boýunça degişli çäreler geçirilýär. Şeýle hem şu ýylyň pagta hasyly üçin gowaça ekişiniň bellenen agrotehniki möhletlerde geçirilmegi ugrunda degişli çäreler görülýär.

Welaýatlarda ýeralma, sogana, beýleki gök-bakja ekinlerine ideg işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar, ýüpek gurçugyna talabalaýyk ideg edilýär. Şeýle-de, häkimler «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän dürli maksatly desgalarda ýerine ýetirilýän gurluşyk işleri barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işlerine jogapkärli, toplumlaýyn we guramaçylykly çemeleşmegiň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz gowaça ekişiniň bellenen möhletlerde we ýokary hilli geçirilmeginiň, bugdaýa, ýazlyk ekinlere ideg etmek işleriniň agrotehnikanyň talaplaryny berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmeginiň berk gözegçilikde saklanylmagy, pile öndürmek boýunça meýilnamanyň üstünlikli berjaý edilmegi babatda häkimlere birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş we önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýerine ýetirilişini berk gözegçilikde saklamak babatda häkimlere anyk görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow ýurdumyzyň welaýatlarynda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu günler pagtaçy daýhanlarymyz tarapyndan oba hojalyk tehnikalaryndan we mineral dökünlerden netijeli peýdalanmak, agrotehniki çäreleri öz wagtynda geçirmek arkaly ýurdumyzyň welaýatlarynda gowaça ekişi dowam edýär. Ekiş geçiriljek meýdanlara tagt suwy, eýýäm ekilen gowaçalara bolsa gögeriş suwy tutulýar, bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri, hususan-da, ekini mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, oňa ösüş suwuny tutmak we beýleki degişli işler geçirilýär.

Şeýle hem wise-premýer ýeralmanyň we gök-bakja önümleriniň öndürilişini artdyrmak, ilatymyzy bu önümler bilen bolelin üpjün etmek boýunça işleriň geçirilýändigini, Ahal, Balkan, Lebap we Mary welaýatlarynda pile öndürijiler tarapyndan ýüpek gurçugyna ideg etmek işleriniň alnyp barylýandygyny, Daşoguz welaýatynda bolsa pile öndürijilere ýüpek gurçugynyň ýokary hilli tohumyny paýlamak işleriniň dowam etdirilýändigini habar berdi. Mundan başga-da, häzirki wagtda ýurdumyzyň welaýatlarynda oba hojalyk ekinlerini we öri meýdanlaryny zyýankeşlerden goramak, olaryň ýüze çykyp biljek ýagdaýlarynyň öňüni almak boýunça degişli işler geçirilýär hem-de gündelik gözegçilikde saklanylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän oba hojalyk işleriniň agrotehniki möhletlerde we ýokary hilli geçirilmegine jogapkärçilikli çemeleşmegiň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere gowaça ekişiniň, bugdaýa, ýazlyk ýeralma, sogana we beýleki gök-bakja ekinlerine ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini, suw serişdeleriniň rejeli peýdalanylmagyny gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasaryna hem-de welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, şu günler ýurdumyzyň ekin meýdanlarynda dowam edýän oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi we olaryň agrotehnikanyň talaplaryny berk berjaý etmek arkaly geçirilmegi, howanyň maýlamagy bilen baglylykda, ekin we öri meýdanlarynda zyýankeşleriň ýüze çykmagynyň öňüni almak boýunça zerur çäreleriň durmuşa geçirilmegi babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

# SADAKALARYŇYZ KABUL BOLSUN!

*18-nji aprelde Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow kyblasy we mähriban käbesi, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow atasy Mälikguly agany, eziz enesi Ogulabat ejäni hatyralap, agzaçar sadakasyny berdiler.*

Täze taryhy eýýamda gadymdan gelýän milli däplerimizi aýawly saklamak, jemgyýetde milletiň ruhy-ahlak ýörelgeleriniň dowamatlylygyny üpjün etmek Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan hem-de häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Mübärek Oraza aýynyň mukaddes Gadyr gijesiniň yzysüre agzaçar sadakasyny bermek paýhasly pederlerimizden miras galan ýagşy dessurlaryň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede dowam etdirilýändiginiň aýdyň beýanyna öwrüldi. Bu asylly çäre adamlaryň sogap işlere, ahlak we ruhy päklige bolan garaýşyny alamatlandyrýar.

Yzgant obasynyň Abyl Işan gonamçylygynyň ýanyndaky ýörite taýýarlanan ýerde agzaçar sadakasynyň berilmegi halkymyzyň asyrlar aşyp gelýän we dünýä nusgalyk kämil ýörelgeleriniň mynasyp derejede dowam etdirilýändiginiň beýanydyr. Mukaddes Oraza aýynyň soňky günlerinde geçirilýän agzaçar sadakasynyň ýagşy dessurlary ilerletmekde bolşy ýaly, merdana halkymyzyň birek-birege bolan ýakymly gatnaşyklaryny, agzybirligini, ösüp gelýän ýaş nesilleriň peder-perzent mekdebiniň oňyn däplerine ygrarlylygyny hem pugtalandyrýar.

Oraza aýynda geçirilýän agzaçar dessury taryhyň dowamynda halkymyzyň belent ahlak gymmatlyklary, olaryň däp-dessurlary, ynanç-ygtykatlary bilen baýlaşdyrylypdyr. Şöhratly we gahrymançylykly ýoly geçen halkymyz gadymy döwürlerden bäri ahlak arassalygynyň, ynsanperwerligiň, hoşniýetli ýörelgeleriň dabaralanmagyna ähmiýet beripdir. Şunda ýagşy dessurlara, şol sanda aýlaryň içinde aýratyn hormat goýulýan Oraza aýyna aýratyn gadyr goýlupdyr.

Hajy Arkadagymyzyň asylly ýörelgesine laýyklykda, her ýylyň Oraza aýynda agzaçar sadakasyny bermek dessury Arkadagly hajy Serdarymyzyň tagallasy bilen üstünlikli dowam etdirilýär. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň asyrlar aşyp gelýän milli gymmatlyklaryň häzirki zamanyň ruhuna kybap derejede ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýändiklerini görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz, öňi bilen, sadaka gatnaşýanlara sylag-hormat edip gelendikleri üçin taňryýalkasyn aýtdy. Bu gün Yzgant obasyndaky Abyl Işan öwlüýäsine gelip, zyýarat etdik. Kyblam Mälikguly aganyň, mähriban käbäm Ogulabat ejäniň aram tapan ýerlerine baryp, olaryň ruhuna aýat okadyk. Ýatan ýerleriniň ýagty, jaýlarynyň jennet bolmagyny dileg etdik. Edilen dilegler, okalan aýatlar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun diýip, hajy Arkadagymyz sözüni dowam etdi.



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy agzaçar sadakasyna gatnaşýanlaryň hemmesine ýene bir gezek minnetdarlyk bildirdi.

Soňra Türkmenistanyň müftüsi tebärek çykdy. Nahardan soňra, aýat-töwir okalyp, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň beren agzaçar sadakasynyň Allatagalanyň dergähinde kabul bolmagy dileg edildi.

Sylap gelendikleri üçin hemmelere ýene bir gezek taňryýalkasyn aýdyp, hajy Arkadagymyz öten-geçenlerimiz baradaky ýagşy ýatlamalaryň ýüreklerimizde ebedi ýaşajakdygyny belledi.

Gahryman Arkadagymyz we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow agzaçar sadakasyna gatnaşanlar bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugradylar.

* * *

Mukaddes Oraza aýynyň her agşamynda bolşy ýaly, bu gün hem Gökdepe metjidinde tarawa namazy okaldy. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, halkymyzyň abadançylygynyň, Watanymyzyň bagtyýarlygynyň bähbidine alyp barýan işleriniň elmydama rowaç bolmagy üçin doga-dilegler edildi.

Ata-babalarymyz Oraza aýyny dostlugyň, jebisligiň, birek-birege hormat goýmagyň we ruhubelentligiň aýy hasaplapdyrlar. Tarawa namazynyň okalmagy ynsana ahlak päkligini, ruhy taýdan täzelenmegi peşgeş berýär, hoşniýetlilige ynamy berkidýär, täze üstünlikleri gazanmak, belent sepgitlere ýetmek üçin güýç-gaýratyňy artdyrýar.

Umumadamzat medeniýetiniň ösüşine ägirt uly goşant goşan türkmen halkynyň köpasyrlyk ruhy gymmatlyklary we pähim-paýhasa ýugrulan durmuş ýörelgeleri milli gymmatlygymyz bolup durýar. Halkymyzyň ata-babalarymyzyň asylly däplerine ygrarlylygynda milletiň ruhy baýlygy, tämiz ahlaklylyga, rehim-şepagatlylyga ymtylmasy öz beýanyny tapýar.

Goý, şu gün berlen agzaçar sadakalary we okalan tarawa namazlary Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun! Goý, türkmen topragynda hemişe parahatçylyk, ylalaşyklylyk we abadançylyk höküm sürsün!

## Ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty artýar



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda düýpli ylmy esaslara daýanýan ykdysady syýasat üstünlikli durmuşa geçirilýär. Muňa şu ýylyň 3 aýynyň makroykdysady görkezijileri hem aýdyňlygy bilen subutnamadyr.

2023-nji ýylyň 3 aýynyň makroykdysady görkezijileri barada aýdylanda, 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 6 göterim artdy. Şu ýylyň ýanwar–mart aýlarynda bölek-satuw haryt dolanyşygy, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 9,5 göterim, daşary söwda dolanyşygy 8,4 göterim ýokarlandy. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen 3 aýyň dowamynda jemi 370 desganyň 7-sinde gurluşyk işleri tamamlandy, 105-sinde gurluşyk-gurnama işleri alnyp barylýar. 2

## Oraza baýramy – ynsanperwerligiň baýramy



Hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, her ýyl ýurdumyzda Oraza baýramy döwlet derejesinde giňden bellenilip geçilýär. Halkymyzyň haýyr-sahawatlylygyny, ynsanperwerligini has-da aýdyňlaşdyrýan mübärek aýlaryň biri hem Oraza aýydyr. Ynsanperwerligi, hoşniýetliligi, dost-doganlygy, päkligi ebedi ýol-ýörelge edinen türkmen halky beden we ruhy taýdan päklenmegiň keremli aýy hökmünde mukaddes Oraza aýyna aýratyn sarpa goýýar.

Oraza aýy halkymyzda sahawatyň we kanagatyň, halallygyň we haýyrly işleriň aýy hökmünde derejelenýär. Aýlaryň serweri bolan mukaddes Oraza aýynda agyz bekläp, kalbyňy, ruhuňy tämizlemek Beýik Allanyň öz eziz gören adamlaryna sahawaty, haýyr-sogaby bagyş etmeginiň alamatydyr. 2

## Eneler – ýaşaýşyň gözbaşy



Bagtyýar durmuşyň bar ýerinde rahatlyk, asudalyk, agzybirlik, döredijilik höküm sürýär. Ýaşaýyş-durmuş maksatly mümkinçilikleriň, şertleriň döredilmegi türkmen raýatlarynyň, mertebeli zenan maşgalalaryň başyny göge ýetirýär. Köp çagany ösdürip kemala getirmek, her bir çaganyň durmuşdaky ornuny kesgitlemäge kömek bermek ilki bilen ene-atanyň baş wezipesi bolup durýar. Döwletimiziň maşgala bilen bagly meselelerde uly goldawy öz üstüne almagy jemgyýetiň has-da kämilleşmegine öz oňaýly täsirini ýetirýär.

Gahryman Arkadagymyzyň paýtagtymyzda we ähli welaýatlarymyzda yzygiderli gurup ulanmaga berýän saglyk merkezleriniň, enäniň we çaganyň saglygyny goraýan ylmy klinikalaryň, dünýäniň ösen tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan hassahanalaryň ählisi hem il-günümiz üçin edýän irginsiz aladalary bolup durýar. 2

## Gar dälizi açyldy

Ýaponiýanyň demirgazyk polýusa ýakyndygy hem-de deňiz derejesinden has beýikde ýerleşýändigi sebäpli gyş pasly has gazaply geçýär. Ýurduň üç mukaddes dagynyň biri hasaplanýan Tateýama dag gerşindäki galyň gar gatlagynyň arasyndan däliziň açylmagy bilen bu ýerden ýolagçylar geçip başlady. «Ýuki no otani» (Uly gar jülgesi) atly 500 metrlik ýoluň iki gyrasyndaky garyň galyňlygy 20 metre çenli ýetýär. Tokionyň demirgazygyndaky Toýama we Nagano welaýatlarynyň çäginden geçýän 90 kilometrlik aralykda syýahatçylar we tebigaty halaýanlar üçin gezelenç edere ýer köp. Bu ýerde ýurduň iň beýikde ýerleşýän ýyly suwly şypahanasy, iň beýikdäki şaglawuk ýaly dürli tebigy gözellikleri bar.



Bu ýoluň ugrundaky galyň gar her ýylyň aprelinde arassalanyp, ulaglaryň geçmegi üçin açylýar. Şeýlelikde, ýolagçylar 20 minut töweregi wagtda bu gar däliziniň içinden geçip gidýärler. Gyş paslynda gar sebäpli ýapyk durýan jülgedäki gar iýun aýynda ereýär.

**Aýnur BAÝRAMOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Öz ekoulgamyny döretdi



Ýuwaş ummanynda geçirilen barlaglarda dürli zyňyndylardan emele gelen adajyklarda gury ýerde ýaşaýan jandarlaryň bardygy we olaryň sanynyň artýandygy ýüze çykaryldy. «Nature Ecology & Evolution» ylmy žurnalda çap edilen makalada zyňyndylaryň özbaşdak ekoulgamy emele getirip, bu ýerde leňňeçleriň we beýleki oňurgasyz jandarlaryň hemişelik mesgen tutunandygy mälim edildi. Adatça, bu jandarlar deňiz kenarlarynda – gury ýerde ýaşaýar. Makalanyň awtorlary adajyklaryň 70 göteriminde şeýle jandarlara duş gelendiklerini belleýärler.

Tebigaty öwrenijiler 2018-2019-njy ýyllarda emeli adalardan alnan 105 maddany öwrenipdirler. Netijede, 46 görnüşli oňurgasyz jandar tapylypdyr. Bu jandarlaryň 80 göterimi gury ýerde ýaşaýar.

**Ruslan NAZAROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Global ykdysadyýete uly goşant goşar

Halkara pul gaznasynyň maglumatlaryna görä, Hytaý geljek 5 ýylda global ykdysadyýete has köp goşant goşar. Çaklamalara görä, global ykdysady ösüşde Hytaýa düşýän paý ABŞ-nyň iki essesine barabar bolar. 2023-2028-nji ýyllar aralygynda global ykdysadyýetiň ösüşiniň 22,6 göterimi Hytaýa degişli bolar. 12,9 göterimlik paý bilen Hindistan ikinji, 11,3 göterim bilen ABŞ üçünji bolar. Bu ugurda Indoneziýa dördünji bolar. Şeýlelikde, global ykdysady ösüşiň ýaryndan gowragy bu dört ýurda degişli bolar.



G7 ýurtlary bolan Germaniýa, Ýaponiýa, Angliýa we Fransiýa ykdysady ösüşe iň köp goşant goşjak ýurtlaryň onlugyna girer. BRIC ýurtlary hasaplanýan Braziliýa, Russiýa, Hindistan we Hytaý 2028-nji ýyla çenli global ykdysadyýete 40 göterim goşant goşar.

**Kerim MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# ÝURDUMYZYŇ YKDYSADY KUWWATY ARTÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hem Oba milli maksatnamasynyň çäklerinde inženerçilik ulgamlarynyň we desgalarynyň 53,8 kilometri, ýaşaýyş jaýlarynyň 126,1 müň inedördül metri, aragatnaşyk ulgamlarynyň 134,4 kilometriniň gurluşygy tamamlandy. Häzirki wagtda medeni-durmuş, önümçilik we beýleki maksatly dürli desgalarda gurluşyk işleri dowam etdirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, jemi içerki önümiň ösüşi ýylyň başyndan bäri 6,2 göterim derejede durnukly saklanyp gelýär. Ýurdumyzda iri senagat we durmuş maksatly desgalaryň, şol sanda täze şäherçeleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň, dynç alyş hem-de sagaldyş merkezleriniň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň we beýleki desgalaryň gurluşyklary dowam etdirilýär. Nebitgaz ýataklary özleşdirilýär. Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik we aragatnaşyk ulgamlarynyň, şeýle hem Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşyklary alnyp barylýar.

Häzirki wagtda maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmak, daşary ýurtly we ýerli işewürleriň maýa serişdelerini çekmek üçin amatly şertleri döretmek, möhüm ähmiýetli iri taslamalary durmuşa geçirmek maksady bilen, karz serişdeleriniň möçberini artdyrmak ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan ykdysady özgertmeleriň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

Maýa goýumlaryň hasabyna täze senagat we önümçilik desgalaryny gurmak, hereket edýänlerini döwrebaplaşdyrmak, paýtagtymyzda hem-de welaýatlarda şähergurluşyk maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, obalary özgertmek, önümçilik we medeni-durmuş maksatly möhüm desgalaryň gurluşyklaryny dowam etdirmek boýunça talabalaýyk işler alnyp barylýar.



Ýurdumyzy 2023-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, döwlet eýeçiligindäki desgalary hususylaşdyrmak işi giň gerimde dowam etdirilýär.

Ýurdumyz abadançylygyň we rowaçlygyň belentliklerine tarap bedew bady bilen okgunly öňe barýar. Watanymyzyň ykdysady kuwwaty barha artýar. Durmuş ulgamy ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ulgamyň döwrebaplaşdyrylmagy iş ýerleriniň köpelmegini şertlendirýär. Ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň çalt depginlerde durmuşa ornaşdyrylmagy bu wezipäniň üstünlikli çözgüdini esaslandyrýar. Şonuň bilen bir hatarda, jemgyýetiň medeni we ruhy ösüşini üpjün edýär. Halk hojalygynyň beýleki ulgamlary bilen bir hatarda, saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, durmuş üpjünçiligi we ilaty durmuş taýdan goramak ulgamlary, ýaşaýyş-jemagat hojalygy häzirki wagtda dünýä tejribesiniň gazananlarynyň esasynda kämil binýada eýe bolýar.

**Aşyrmyrat ÖWEZMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# ORAZA BAÝRAMY – YNSANPERWERLIGIŇ BAÝRAMY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Oraza aýynda agzaçar sadakalary berilýär, öý-ojaklaryň abadançylygy, eziz Watanymyzyň parahatçylygy, il-günümiziň bagtyýarlygy, jebisligi dileg edilip, tarawa namazy okalýar we ýagşy dileg-dogalar edilýär.



Oraza ýagşylyklaryň aýydyr. Hormatly Prezidentimiz mukaddes Gadyr gijesi mynasybetli «Iş kesilenleriň günäsini geçmek hakynda» Permana hem gol çekdi. Şol resminama esasynda, iş kesilen raýatlaryň 463-si jeza çekmekden boşadyldy. Munuň özi ata-babalarymyzyň ynsanperwerlik, adalatlylyk, rehimdarlyk ýörelgelerine eýerilýändiginiň, jemgyýetimiziň ynsanperwerligiň belent ýörelgeleri esasynda kämilleşmegine döwlet derejesinde aýratyn ähmiýet berilýändigininiň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly: «Oraza baýramy ruhy-ahlak tämizligi, ynsanperwerligi, hoşniýetliligi dabaralandyrýan, mähriban halkymyzyň medeniýetini, däp-dessurlaryny, ynanç-adatlaryny özünde jemleýän gadymy baýramlaryň biridir». Oraza baýramy pederlerimiziň gadymdan bäri belläp gelýän mukaddes baýramydyr. Remezan aýynyň ahyrynda Oraza baýramynyň bellenilmegi we metjitlerde baýram namazynyň okalmagy il agzybirliginiň nyşanydyr.

Oraza baýramy musulmanlaryň bir aýyň dowamynda agyz bekleýän Oraza aýynyň tamamlanandygyny aňladýar. Oraza aýynyň tapawutly taraplarynyň biri – ýaşuly hem ýaş nesliň arasyndaky özara jebisligiň pugtalanmagydyr, milli terbiýäniň ýaýylmagydyr. Ýaşuly nesliň wekilleri ýaşlaryň arasynda päk göwünli bolmagy, birek-birege goldaw-hemaýat bermegi, mukaddes Watana, maşgalaňa, ata-eneňe, il-günüňe hormat goýmagy, asylly maksatlara uýmagy öwüt-ündew edýärler.

Jemgyýetiň jebisligini öňküden-de pugtalandyrýan bu mukaddes aýyň ýaraşygy hasaplanýan Gadyr gijesiniň hem-de Oraza baýramynyň ähmiýeti örän uludyr. Ol hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwletimizde sogaply işleriň, ynsanperwerligiň, haýyr-sahawatyň çäksizdigini, ýagşylyga ýugrulan ajaýyplyklaryň giňden berkarar edilýändigini açyp görkezýär.

**Gülnar WOLMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

# ENELER – ÝAŞAÝŞYŇ GÖZBAŞY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Biziň döwletimiz zenanlarymyzyň asuda, abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy, yhlasly zähmet çekmegi, mynasyp nesilleri terbiýeläp ýetişdirmegi üçin hemişe alada eder» diýýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda eziz Diýarymyzda mukaddes Käbä deňelýän enelerimiziň, bägül kimin gelin-gyzlarymyzyň sylag-hormaty çäksizdir.

Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitaby eziz käbesi Ogulabat ejäniň göreldeli ömrüne, perzent terbiýesine, il-güne bolan mähriem garaýyşlaryna, şonuň ýaly-da, türkmen zenanlarynyň durmuşyna, ýurdumyzyň enelerine bagyşlanan ajaýyp eserdir. Gahryman Arkadagymyzyň käbesine bagyşlan ajaýyp ýatlamalary her bir türkmen zenanynyň kalbynda buýsanç döredýär.

Ogulabat eje biziň ählimize, hususan-da, ýaş gelin-gyzlarymyza nusgalyk zenandyr. Onda türkmen zenanyna mahsus salyhatlylyk, kanagatlylyk, döwletlilik, belent adamkärçilik, maşgala ojagyna wepalylyk, çeper ellilik aýratynlyklary jemlenendir. Ogulabat ejäniň maşgala ojagyna bolan yhlasy, şeýle-de el hünärine berýän ünsi barada näçe aýtsaň-da bärden gaýdýar. Çünki Ogulabat eje her keşdäni nagşa, her nagşy gözellige, her gözelligi bolsa sungat eserine öwürmegi başarýan zenandy. Ogulabat ejäniň öz eli bilen ören alajasyny hormatly Arkadagymyz täze doglan taýlaryň, bedewleriň boýnuna dakardy.



Şeýle-de, Ogulabat ejäniň on barmagynyň hünäri bolan, sünnälenip bejerilen kürte Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde saklanmagy hem buýsançly wakadyr.

Bu gün ata Watanymyzda türkmen zenanynyň başarnygyna, ukybyna uly baha berilýär. Türkmen zenany döwür bilen aýakdaş barýar. Häzirki wagtda zenanlar durmuş-ykdysady pudaklarynyň ähli ulgamlarynda halal zähmet çekýärler. Ýurdumyzda döwlet jemgyýetçilik ösüşini amala aşyrmagyň ähli ugurlarynda zenanlaryň işjeň orny bar. Zenanlaryň jemgyýetde öz mynasyp ornuna eýe bolmaga, döwlet işlerinde jogapkärli wezipeleri alyp barmaga, giň demokratik esaslarda saýlawlara gatnaşmaga, saýlamaga we saýlanmaga, intellektual ulgamlarda öz döredijiligini ösdürmäge ähli mümkinçilikler döredilendir hem-de şeýle hukuklar kanun esasynda berkidilendir. Alnyp barylýan şeýle asylly işler berkarar döwletimizde zenan sarpasynyň has belentde durýandygyny aýdyňlygy bilen subut edýär. Eneler – ýaşaýşyň gözbaşy, ynsan kalbynyň öçmejek nury, görüm-görelde mekdebidir.

**Mähri ŞYHYÝEWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# ÝÜPEKÇILIK – GIRDEJILI PUDAK

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynyň möhüm ugurlarynyň biri bolan ýüpekçiligi ösdürmek babatda öňde goýýan wezipeleriniň üstünlikli berjaý edilmegine saldamly goşant goşmagy maksat edinýän ýurdumyzyň pileçileri ýüpek gurçugyny idetmek işlerini gyzgalaňly alyp barýarlar.

Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligine hem-de welaýatlaryň häkimliklerine 2023-nji ýylda 2300 tonna çig pile öndürmegi üpjün etmek tabşyryldy. Şonuň esasynda, şu ýyl pile öndürijiler bu wezipäni artygy bilen ýerine ýetirmegi maksat edinýärler.

Häzirki wagtda ýylyň ýylyna ýurdumyzda pile öndürmegiň möçberini artdyrmak ugrunda tagalla edilýär. Geçen ýyl ýurdumyzda 2100 tonna pile taýýarlanan bolsa, bu ýyl ýurdumyzda 2300 tonna pile öndürmek göz öňünde tutulýar.

Dokma senagaty pudagynda, şol sanda ýüpekçilik pudagynda durmuşa geçirilýän toplumlaýyn çäreleriň netijesinde asyrlar aşyp gelýän milli daýhançylyk däpleri häzirki zamanyň ösen tejribesi bilen utgaşdyrylýar. Şunlukda, obasenagat toplumyna ylmyň täze gazananlarynyň, sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biri bolan dokma senagatyny ösdürmekde ýüpek önümçiligi aýratyn orna mynasypdyr. Häzirki wagtda ýüpekçilik pudagynyň önümçilik binýady dolulygyna täzelendi, keteni öndürmegiň gadymy sungaty gaýtadan dikeldildi. Türkmen ýüpeginden ýurdumyzda panbarhatyň hem täze görnüşleri çykarylyp başlandy.

Ýüpek önümçiligi täze talaplara laýyklykda guraldy. Aşgabadyň ýüpek fabrigi we Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşigi öndürilýän ýüpegi gaýtadan işleýän esasy kärhanalar bolmak bilen, doly döwrebap ýagdaýa getirildi hem-de häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edildi. Bu kärhanalarda ýüpek halylaryny, milli keteni matalaryny we beýleki önümleri taýýarlamak üçin täze önümhanalar açyldy. Zenanlarymyzyň arasynda uly meşhurlykdan peýdalanýan panbarhat matalaryny öndürýän Aşgabadyň panbarhat fabrigi häzir ýüpek süýümi bilen bökdençsiz üpjün edilýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň oba ýerlerinde ýüpekçiligi ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Ýörite nahalhanalarda we birnäçe daýhan birleşiklerinde ýüpek gurçuklarynyň iýmit gory bolan tut agaçlarynyň her ýylda müňlerçe düýp nahaly ösdürilip ýetişdirilýär. Bu bolsa ýüpek gurçuklary üçin esasy iýmit bolan tut ýapraklarynyň möçberini artdyrmaga mümkinçilik berýär. Tut nahallarynyň ekin meýdanlarynyň töweregindе oturdylmagy gowaçany we beýleki oba hojalyk ekinlerini gyzgyn epgekden goramaga, suwaryş akabalarynyň kenarlaryny berkitmäge, daşky gurşawyň ekologiýa abadançylygyny döretmäge hem ýardam edýär. Munuň özi ýüpekçiligi pagtaçylyk bilen utgaşdyrmaga, şol bir ýerden goşmaça önüm we girdeji almaga mümkinçilik berýär.



**Ejebaý KULYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## Antarktikada arassa energiýadan peýdalanylar

Soňky ýyllarda energiýanyň arassa çeşmelerini özleşdirmek üçin taslamalar durmuşa geçirilýär. Planetamyzyň iň sowuk ýklymy bolan Antarktikada oturymly ilat ýok hem bolsa, bu ýerde hemişe iş alyp barýan alymlar ýaşaýar. Dünýäniň iň sowuk ýerinde dürli ýurtlaryň ylmy-barlag merkezleri hereket edýär. Täze Zelandiýa we ABŞ Antarktikada ýel turbinaly bekedi gurmagy meýilleşdirýär. Ýel beketleriniň önümçiligi bilen meşgullanýan EWT kompaniýasy bu ýerde ýel bekedi gurmak üçin ýokarda agzalan ýurtlar bilen şertnama baglaşdy. Ylalaşygyň çäklerinde Ross adasynda ýelden energiýa öndüriler. EWT kompaniýasy üç sany DW54X-1MW atly ýel turbinasyny üpjün eder. Bu turbinalaryň perleriniň diametri 54 metre, beýikligi 40 metre barabar.



Taslamanyň 2028-nji ýylda tamamlanmagyna garaşylýar. Täze guruljak ýel bekediniň her biri häzirki wagtda bu ýerde hereket edýän üç turbinanyňka barabar energiýa öndürer.

**Nazardurdy ORAZDURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy.*

## Ilkinji dükanyny açdy



«Apple» kompaniýasy Hindistanyň iň köp ilatly şäheri bolan Mumbaýda ilkinji dükanyny açdy. «Apple BKC» atly dükanyň açylyşyna kompaniýanyň ýolbaşçysy Tim Kuk hem gatnaşdy. Şu gün bolsa ýurduň paýtagty Delide hem bir dükan açylar. Häzirki wagtda bu ýurtda «Apple» harytlaryny internet arkaly ýa-da beýleki ygtyýarly dükanlaryň üsti bilen satyn alyp bolýar.

«Apple»-iň Hytaý, Taýwan, Wýetnam bilen bir hatarda Hindistanda hem önümçilik kärhanasy bar. Kompaniýa bu ýurtdaky önümçiligini artdyrmagy meýilleşdirýär.

«Apple»-iň iň köp haryt satýan bazary Hytaý hasaplanýar. Bilermenler kompaniýanyň Hytaýda bolşy ýaly, Hindistanda hem satuwyny we önümçiligini birwagtda artdyrmak isleýändiklerini belleýärler.

**Bäşim BÄŞIMOW,**
*«Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň Politehniki orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Ady täze tapylan ösümlige dakyldy

Tailandly biologlar magnoliýa güllüler maşgalasyna degişli bolan täze ösümligiň üstüni açdylar. Hoşboý ysly gülleri bolan bu ösümlige ýurduň K-Pop toparynyň ýyldyzy Lisa Manobanyň ady dakyldy. Bu ösümligi Çiangmaý uniwersitetiniň alymlary ýurduň günortasyndaky Narathiwat şäheriniň golaýyndan tapdylar. Koreýa Respublikasynyň «Blackpink» atly K-Pop toparynyň «Lalisa» lakamly agzasy Tailandda dünýä inipdir. Alymlar ösümlige «Friesodielsia lalisae» ylmy adyny berdiler.



Tebigaty öwrenijiler hoşboý ysly bu ösümligiň örän seýrek duş gelýändigini belleýärler. Ýurtda magnoliýa gülli ösümlikleriň seýrek görnüşlerini tapmak üçin taslama taýýarlanypdy.

1997-nji ýylda Tailandyň Buriram şäherinde dünýä inen Lisa 2016-njy ýylda «Blackpink» toparyna saýlanypdy.

**Guwanç ANNAMÄMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Ýel energiýasynda täze sepgide ýetiler

Geçen ýyl ýelden we Günden alynýan energiýa pudagyna rekord derejede maýa goýum gönükdirilipdi. Bilermenler bu ösüşiň dowam edip, şu ýylyň dowamynda ýel beketlerinden alynýan energiýanyň 1 terewata ýetjekdigini belleýärler. «Wood Mackenzie» maglumat beriş kompaniýasynyň taýýarlan maglumatynda ýel energiýasyna goýberilýän maýa goýumyň artmagy bilen ösüşiň dowam etjekdigi bellenilýär. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Lýuk Lewandowski ýel beketleriniň önümçilik kuwwatynyň 1 terewata ýetmegi üçin 40 ýyldan köp wagtyň gerek bolandygyny belleýär. Onuň sözlerine görä, geljek sekiz ýylyň dowamynda indiki bir terewatlyk ösüşiň bolmagyna garaşylýar. Geljek on ýylyň dowamynda bolsa ýel energiýa önümçiliginiň 50 göterimi Hytaýa degişli bolar. Bu ýurtda ýel beketlerinden öndürilýän elektrik energiýasynyň möçberi her ýylda ortaça 80 GW artar. Ýewropa ýurtlary bolsa, on ýylyň dowamynda önümçilik kuwwaty 343 GW boljak energiýa beketlerini gurmak üçin maýa goýum özleşdirer.



**Solmaz SADYKOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## 6,2 million dollara satyldy

Şweýsariýada auksiona çykarylan «Tyrannosaurus Rex» (T-Rex) dinozawrynyň skeleti 6,2 million dollara satyldy. Gadymy jandaryň galyndysyny ady mälim edilmedik ýewropaly kolleksiýaçynyň satyn alandygy habar berildi. Sýurihdäki «Koller» auksion öýi tarapyndan satuwa çykarylan dinozawryň uzynlygy 11,6 metre we beýikligi 3,9 metre barabar. Bilermenler bu galyndynyň iň gowy saklanyp galan dinozawr skeletidigini belleýärler. 293 bölekden ybaratdygy üçin oňa «293 Trinity» ady berlipdir. Bu skelet 2008-2013-nji ýyllar aralygynda ABŞ-nyň Montana we Waýoming ştatlarynda geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan üç sany galyndynyň birleşdirilmegi bilen döredilipdir. Onuň böleklerinde galyplar hem bar.





«Tyrannosaurus Rex» dinozawry ýyrtyjy jandar bolupdyr. Mundan ozal Demirgazyk Amerikada tapylan beýleki iki dinozawr galyndylary 1997-nji we 2020-nji ýyllarda degişlilikde 8,4 million hem-de 31,8 million dollara satylypdy.

**Merdan ATAÝEW,**
*Ahal welaýatynyň Kaka etrap döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň direktory.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 20-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111488
Belgisi: 16/1530
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Emeli aň iş orunlaryny eýeläp biler

«Goldman Sachs» maýa goýum bankynyň bilermenleri emeli aňyň ösmegi bilen dünýäde 300 milliona golaý iş ornunyň awtomatlaşdyrylyp bilinjekdigini öňe sürdüler. Seljerijileriň pikirine görä, dünýädäki iş orunlarynyň 18%-i awtomatlaşdyrylyp, bu ýagdaý ösüp barýan ýurtlara garanyňda, ösen ykdysadyýetli ýurtlarda has ýiti duýlar. Esasan hem, bu akyl zähmetiniň işgärleriniň, el zähmeti bilen meşgullanýanlara garanyňda, has köp töwekgelçilige sezewar boljakdygyny aňladýar.

Bilermenleriň pikiriçe, administratiw işgärler we hukukçylar üçin işsiz galmak howpy has ýokary. Ýöne gurluşyk we abatlaýyş işleri ýaly fiziki zähmeti talap edýän ýa-da açyk howada işleýänlere bolsa bu ýagdaý onçakly bildirmez.

Bank ABŞ-da we Ýewropada bar bolan işleriň, takmynan, üçden iki böleginiň emeli aň bilen dürli derejelere çenli awtomatlaşdyrylandygyny we ähli işleriň dörtden bir böleginiň tutuşlygyna emeli aň arkaly amala aşyrylyp bilinjekdigini çaklaýar.

Bilermenleriň pikiriçe, emeli aň ösüp barýarka «zähmet bazary epesli sarsgynlara duçar bolup biler». Şol bir wagtyň özünde, munuň uzak gelejekde iş üpjünçiliginiň ösmegine hem goşant goşup biljekdigi bellenilýär.



«Goldman Sachs» maýa goýum bankynyň bilermenleri emeli aňyň giňden ornaşdyrylmagy ahyrky netijede öndürijiligi has-da artdyryp, on ýylda global jemi içerki önümiň ýylda 7% ýokarlanmagyna sebäp bolar diýip belleýärler.

# 50% azaltmak barada ylalaşdylar

Ýaponiýanyň Sapporo şäherinde geçirilen gepleşiklerde G7 ýurtlarynyň




howa, energiýa we daşky gurşaw ministrleri 2035-nji ýyla çenli, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, awtoulag pudagynda gazly zyňyndylaryň mukdaryny 50% azaltmak barada ylalaşdylar. Bu barada Ýaponiýanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan ýekşenbe güni geçirilen ýygnagyň jemleri boýunça bilelikdäki beýanatda aýdylýar.

Mundan başga-da, pudak ýolbaşçylary 2035-nji ýyla çenli ýolagçy ulaglary pudagynda täze satuwlaryň 100%-ini elektrik ulaglarynyň we gibridleriň hasabyna üpjün etmegi maksat edinýärler.

Howa, energiýa we daşky gurşaw boýunça ministrleriň gepleşikleri 15-16-njy aprelde Sapporoda geçirildi.

# ÝUPITERE TARAP UGUR ALDY

14-nji aprelde «Ariane 5» kysymly göteriji raketa berkidilen Ýewropa kosmos zondy «Juice» Ýupiter planetasyna tarap ugur aldy. Ikinji synanyşygyny amala aşyrýan bu zond ol ýerde Ganimed, Kallisto we Ýewropa ýaly Ýupiteriň üç hemrasyny içgin öwrener. Alymlar ol ýerlerdäki buzluklaryň astynda suw bolup biler diýip çaklaýarlar.



Missiýanyň maksady, Gün ulgamyndaky iň uly planetanyň hemralarynyň ýaşaýyş üçin laýykdygyny ýa-da däldigini anyklamakdan ybarat. Göteriji raketa Fransiýanyň Gwianadaky Kuru kosmos portundan uçuryldy. Bu zonduň 2031-nji ýylyň iýulyna çenli Ýupiteriň töweregindäki orbita girmegine garaşylýar.

# Demokratik partiýanyň gurultaýy geçiriler

ABŞ-nyň Demokratik partiýasynyň milli komiteti 2024-nji ýyldaky Milli partiýa gurultaýynyň Illinoýs ştatynyň Çikago şäherinde geçiriljekdigini habar berdi. Demokratik partiýanyň wekilleriniň ABŞ-nyň prezidentligine dalaşgärini resmi taýdan hödürlejek forumy geljek ýylyň 19-njy awgustyndan 22-nji awgusty aralygynda Çikagodaky «United Center» binasynda geçiriler.



Respublikan partiýasynyň agzalary bolsa, 2024-nji ýylyň 15-18-nji iýuly aralygynda Wiskonsin ştatynyň Miluoki şäherinde geçiriljek milli gurultaýda ýygnanarlar.

Demokratik partiýanyň wekili bolan ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden 10-njy aprelde ikinji möhlete dalaş etmek isleýändigini mälim etdi, şol bir wagtyň özünde toparynyň muny resmi taýdan yglan etmäge taýyn däldigini aýtdy. Şeýle-de, ABŞ-nyň öňki Prezidenti, Respublikan partiýasynyň agzasy Donald Tramp geçen ýylyň noýabr aýynda 2024-nji ýylda geçiriljek prezident saýlawynda Respublikan partiýasy tarapyndan dalaşgär bolmak isleýändigini mälim etdi.

# Dört sany ykdysady zolak açyldy

Mirasdüşer Şazada we Premýer-ministr Muhammed ben Salman Saud Arabystanynda dört sany ýörite ykdysady zolagy açdy. Bu barada «Saud metbugat agentligi» habar berdi.

– Saud Arabystany telekeçilik üçin açyk bolup, dünýäniň dürli künjeginden gelen maýadarlary biziň hödürleýän mümkinçiliklerimizi öz gözleri bilen görmekleri üçin garşy alýar. Şu gün işe girizilen täze ýörite ykdysady zolaklar ýurtda telekeçiligi ýöretmäge, on müňlerçe iş orunlaryny döretmäge we milliardlarça rial girdeji getirmäge düýpli täsirini ýetirer – diýip, ben Salman Al Saud ýörite ykdysady zolaklaryň açylyşynda mälim etdi.

Er-Riýadyň eteginde, Jizanda, port şäheri Ras-el-Haýrda we Jiddadaky Patyşa Abdylla adyndaky ykdysady şäherjikde ýerleşjek daşary ýurtlularyň öz kompaniýalaryna doly gözegçilik edip biljekdigi, şeýle-de, korporatiw salgydyň bäsleşige ukyply stawkalaryna we import üçin gümrük paçla-




ryndan boşadylmagyna kepilligi bellenilýär.

Mundan başga-da, daşary ýurt kompaniýalary önümçilik we çig mal üçin zerur ätiýaçlyklar bilen üpjün ediler.

# «ÝB – Merkezi Aziýa» ykdysady forumy geçiriler

Ikinji «ÝB - Merkezi Aziýa» ykdysady forumy 2023-nji ýylyň maý aýynyň 18-19-yna Gazagystanyň Almaty şäherinde geçiriler. Bu forumda «ÝB - Merkezi Aziýa» formatyndaky ykdysady hyzmatdaşlygyň üç sany esasy ileri tutulýan ugurlary – «ýaşyl» we sanly özgertmeler, işewürlik gurşawyny gowulandyrmak, söwda integrasiýasyny ösdürmek babatda tagallalary işjeňleşdirmek maksat edinilýär.

Foruma Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýokary derejeli hökümet agzalary, Ýewropanyň maýa goýum bankynyň, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň, halkara maliýe guramalarynyň, abraýly hususy korporasiýalaryň wekilleri gatnaşarlar. Bu çäre Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy bilen hyzmatdaşlykda guralar.



Ilkinji «ÝB - Merkezi Aziýa ykdysady forumy» 2021-nji ýylyň noýabr aýynda Bişkekde (Gyrgyzystan) geçirildi. Oňa gatnaşan ýurtlar sebitara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge we ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge, şol sanda «ýaşyl» ugurlara gyzyklanma bildirdiler.

# DÜNÝÄ HABARLARY
## gysga setirlerde

► **Rekordlar kitabyna girizildi.** ABŞ-da Perl lakamly iki ýaşly çihuahua iti resmi taýdan dünýäniň iň kindiwanja iti diýlip ykrar edildi. Onuň boýy 9,14 santimetr bolup, agramy 553 grama deň diýip, «moya-planeta.ru» saýtynda bellenýär. Itiň uzynlygy 12,7 santimetr bolup, takmynan, kompýuteriň syçanjygynyň ölçegi bilen deňdir.



► **Makedonskiý baradaky film.** «Netflix» strimingi beýik serkerde Aleksandr Makedonskiý barada resminamalaýyn dramany surata düşürýär. Bu barada «Deadline» neşiri habar berýär. «Netflix» bu film bilen bagly işleri geçen ýylyň tomsundan bäri dowam etdirýär. Film Marokkoda surata düşürilýär.



► **Dört günlük iş hepdesi.** Walensiýanyň (Ispaniýa) häkimiýetleri dört günlük iş hepdesini ýola goýmak maksady bilen synaga başladylar. Bu barada şäher häkimligi tarapyndan habar berildi. Metbugat üçin beýanatda «Walensiýa dünýäde bir aýlap 32 sagatlyk iş meýilnamasyny synagdan geçiren ilkinji şäher bolar» diýlip bellenilýär.



# TARYHDA ŞU GÜN

■ Belgiýanyň Antwerpen şäherinde 1920-nji ýylyň 20-nji aprelinden 12-nji sentýabryna çenli VII tomusky Olimpiýa oýunlary geçirildi. Şu ýerde, Halkara Olimpiýa komitetiniň 1916-njy ýylda Berlinde geçirilmegi meýilleşdirilen VI tomusky Olimpiýa oýunlarynyň Birinji jahan urşunyň başlanmagy sebäpli ýatyrylandygyny bellemek gerek.




✓ Dünýäde tüwiniň 40 müňden gowrak görnüşi bar, ýöne, esasan, iki usulda: uzyn we gysga däneli tüwi diýlip tapawutlandyrylýar.

# OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

# 2023-nji ýylyň 7 täsinligi

Dünýäniň 7 täsinliginden başga-da, her ýylyň 7 täsinligi yglan edilýär. Tebigy aýratynlyklar, ýyldyzlaryň hereketi we haýran galdyryjy panoramalar esasynda saýlanýan 7 täsinligiň 2023-nji ýyldaky sanawynda Mon-Sen-Mişel galasy, Perito-Moreno buzlugy, Al-Ula ýadygärligi, Paro Taktsang ybadathanasy, Kapadokiýa daglyk sebiti, Lakeland köl etraby hem-de sardineleriň ylgawy görkezilýär. Geliň, bu täsinlikler bilen tanyş bolalyň!

**Mon-Sen-Mişel, Fransiýa.** Müň ýyl ozal, 1023-nji ýylda orta asyr dünýäsinde «Günbataryň täsinligi» ady bilen tanalýan Mon-Sen-Mişel galasynyň gurluşygyna başlanýar. Mon-Sen-Mişel aýlagynyň ortasynda, deňze golaý ýerde, gaýanyň üstünde ýerleşýän gadymy gala edil hyýaly ertekilerdäki köşge meňzeýär. Deňiz bilen daşyň utgaşmasyndan döräň bu täsinlik binagärlik sungatynyň ajaýyp nusgasyny özünde jemleýär. 7 gektar meýdany tutýan gadymy gala syýahatçylaryň iň köp barýan ýerleriniň biridir. Mon-Sen-Mişel galasy 1979-njy ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär. Ýadygärligiň düzüminde 60-dan gowrak bina goralýar. Adanyň iň beýik nokady deňiz derejesinden 92 metr beýiklikde ýerleşýär.



**Perito-Moreno buzlugy, Argentina.** Futbol boýunça Dünýä Kubogynyň eýesi Argentina syýahatçylyk pudagynda öňdäki orunlary eýeleýär. Esasan hem, ýurduň tebigy täsinlikleri syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar. Şeýle täsinlikleriň biri hem Perito-Moreno buzlugy bolup, bu buzluk Ýer ýüzündäki iň owadan buzluk hasaplanýar. Patagoniýanyň uzak günorta akymynda, «Los Glaciares» milli seýilgähinde ýerleşýän buz seýilgähiniň tutýan meýdany 100 inedördül kilometrden gowrak bolup, 60 metr beýiklige ýetýär. Kristal ýaly Güne ýalpyldaýan buzlukda pyýada gezelençler bilen bir hatarda, Argentina kölündäki ullakan aýsbergleriň arasynda gaýykly gezelençler hem guralýar.



**Al-Ula, Saud Arabystany.** Ýurduň taryhynyň we medeni mirasynyň mekany hasaplanýan Al-Ula ýadygärliginde häzirki wagtda gazuw-agtaryş işleri dowam etdirilýär. Arap medeniýetini köpçülige tanyşdyrmak maksady bilen, 2023-nji ýylyň 7 täsinliginiň biri diýlip yglan edilen Al-Ula ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Saud Arabystanynyň demirgazyk-günbatar çölüniň merkezinde ýerleşýän bu ýadygärlik gyzyl çägeden gurlan nagyşly monumentleri bilen meşhurdyr. Taryhy maglumatlara görä, Al-Ula palçyk kerpiçli jaýlardan labirint ýaly düzülen şäher bolupdyr.



**Paro Taktsang ybadathanasy, Butan.** Dagyň gaýasynda gurlan höwürtgä meňzeýän Paro Taktsang ybadathanasy Traşigang şäheriniň golaýynda ýerleşýär. Gimalaý dagynyň etegindäki Paro jülgesinden 300 metr beýiklige galmak bilen bu ybadathana baryp bolýar. Gaýanyň kert ýerinde bina edilen Paro Taktsang ybadathanasy ak diwarlary, açyk gyzyl üçekleri we altyn gümmezleri bolan 4 ybadathanadan hem-de ýaşaýyş jaýlaryndan ybarat. Syýahatçylar bu täsinligi görmek üçin iki sagat pyýada ýöremeli bolýarlar.



**Kappadokiýa, Türkiýe.** Ýewropanyň we Aziýanyň çatrygynda «oturan» Türkiýe tebigy täsinliklere baý bolup, şolaryň biri hem Kappadokiýadyr. Depesi täçli gyzyl dag gaýalary («Peri bacalar») bilen meşhurlyk gazanan Kappadokiýa Ýer ýüzündäki iň owadan jülgeleriň biridir. Takmynan, 1200-nji ýyllarda bu ýerde ýaşan adamlar gaýalaryň içini oýup, jaý ýasap başlaýarlar. Gapysy, penjireleri we basgançaklary bolan gowaga meňzeş bu jaýlar çeper esere meňzeýär. Kappadokiýada syýahatçylar üçin kaşaň gowak myhmanhanalary hem bar. Özüne çekiji bu sebitde möwsümleýin şar festiwallary ýaly dabaralar geçirilýär.



**Leýklend köl ülkesi, Beýik Britaniýa.** Grasmer köli we onuň kenarlary tebigaty synlap dynç almak üçin iň gowy ýerleriň biri hasaplanýar. Leýklend köl ülkesinde suw howdany, kiçiräk köl, «Stock Ghyll Force» şarlawugy hem-de Angliýanyň iň beýik depesi bolan «Skafell Paýk» (979 metr) ýerleşýär. Demirgazyk Angliýanyň üstünden geçip, Robin Gud aýlagyna çenli 190 kilometr aralykdaky bu sebitde syýahatçylar üçin täsirli gezelençler garaşýar.



**Sardina ylgawy, Günorta Afrika.** Sardina ylgawy ummandaky iň täsin wakalaryň biridir. Her ýyl maý aýyndan iýula çenli on millionlarça sardina Günorta Afrikanyň Wildabany kenaryna göçýär. Hasaplamalara görä, biomassa taýdan Afrikadaky iň uly ýabany jandarlaryň göçüşi bolan sardinalar ýokardan seredeniňde owadan aýlawly hereketleri emele getirýär. Uly ak akulalar we orkaslar bilen «duran tutuldy» oýnuny oýnaýan sardinalar iň gowy suwasty başdangeçirmeleri emele getirýär.



# KALORIÝA BAÝ AZYK ÖNÜMI



**Tüwi bütin dünýäde iň köp sarp edilýän peýdaly azyk önümleriň biridir. Tüwi däneli ösümlik bolan şalydan alynýan iýmit bolup, adatça gaýnadylan we buglanan görnüşde iýilýär. Hindistanyň, Hytaýyň we Günorta-Gündogar Aziýanyň köp sanly aşhanalarynyň esasy bölegini düzýän bu azyk önüminden meşhur tagamlar bolan palaw (Aziýa), paella (Ispaniýa), risotto (Italiýa), arroz rojo (Meksika), bibimbap (Koreýa) we suşi (Ýaponiýa) taýýarlanylýar. Dünýäde tüwiniň 40 müňden gowrak görnüşi bar, ýöne, esasan, iki usulda: uzyn we gysga däneli tüwi diýlip tapawutlandyrylýar. Reňki babatda tüwiniň ak we gyzgylt (goňur) görnüşi bar. Ak tüwi çalt bişýändigi bilen tapawutlanyp, düzüminde süýüm we belok az mukdarda saklanýar. Berhiz saklamakda peýdaly bolan ak tüwiniň hoşboý tagamy bolýar. Goňur tüwi, esasan, gök önümler bilen bilelikde bişirmek üçin niýetlenip, süýüme we beloga baýdyr. Ýokumlylyk babatda ak tüwüden tapawutlanýan goňur tüwüden süýjülikler hem bişirilýär. Tüwi uly adamlar üçin hem, kiçi ýaşly çagalar üçin hem iň gowy iýmitdir. Bilermenler 5 ýaşa çenli çagalaryň iýmit sanawynda tüwiniň hökmany ýagdaýda bolmalydygyny belleýärler.**

### Tüwiniň saglyga peýdasy

**Kadaly agram saklamaga kömek edýär.** Ak tüwiniň düzüminde bedeniň energiýa derejesini durnuklaşdyrýan maddalar bolup, gandaky glýukozanyň we insuliniň derejesini peseltmäge kömek edýär. Mundan başga-da, ak tüwi garyn myşsalaryndaky ýagy ýakmaga hem ýardam edýär. Netijede, agram kadaly derejede saklanyp, beden ýeterlik energiýa bilen üpjün edilýär.

**Kesellerden goraýar.** Goňur tüwüde apigenini we kwersetini öz içine alýan flawonoidler atly gorag birleşmeleri saklanýar. Bu birleşmeler kesellerden goranmakda möhüm orun eýeleýär. Köp sanly barlaglarda goňur tüwiniň ýürek kesellerinde, aşgazanasty mäziň bozulmagynda we aşgazan kesellerinde hem-de süýjüli diabetde peýdaly iýmitdigi ýüze çykaryldy.

**Energiýa çeşmesi.** Ak tüwiniň düzümindäki uglewodlar bedeniň energiýa çeşmesi hasaplanýar. Şol sebäpli bilermenler türgenleşikden we agyr işlerden soň tüwüli naharlary iýmegi maslahat berýärler. Tüwi agyr hereketlerden soň bedendäki glikogen derejesini dikeldýär.

**Iýmit siňdirişe peýdaly.** Bilermenler berhiz saklaýanlara ak tüwiniň peýdaly iýmitdigini belleýärler. Ak tüwi çalt özleşýändigi sebäpli, aşgazan bozulmalarynyň öňüni alýar. Şeýle hem ýürek bulanmagyndan ejir çekýänler üçin tüwi esasy azyk önümleriniň biridir.

**Alternatiw iýmit.** Tüwi çörek iýip bilmeýänler, ýagny glýuten duýgurlygy bolan adamlar üçin alternatiw iýmitdir. Sebäbi bu önüm aşgazanda çalt özleşýär we içege bakteriýalaryny «ýangyç» bilen üpjün edýär.

# ÄÝNEGI NÄHILI ARASSALAMALY?

**Äýnek hapalananda ýa-da tegmil düşende talabalaýyk arassalanmasa, onuň aýnasyna zeper ýetip bilýär. Bu bolsa gözüň görşüne gönüden-göni täsir edýär. Eýsem, kompýuteriň we telefonyň ulanylyşynyň artmagy bilen has köp dakynylyp başlanan äýnekleri nähili arassalamaly? ABŞ-nyň «The New York Times» neşiri Amerikan Optometriýa jemgyýetiniň we optikleriň maslahatlaryny jemläpdir. Bu maslahatlary dykgatyňyza ýetirýäris:**



**Pagtaly çöpjagazlar.** Äýnegiň gyralarynda, aýnanyň çarçuwasynyň birleşýän ýerinde wagtyň geçmegi bilen hapa galyndylary toplanýar. Ujy pagtaly çöpjagazlar aýna we çarçuwa zeper ýetirmezden bu hapalary arassalamaga mümkinçilik berýär.

**Ýyly suw.** Äýnegiň aýnasyny diňe suw ýa-da mikrosüýümli esgi bilen arassalamak ýeterlik däldir. Sebäbi bu serişdeler äýnekdäki hapany ýa-da tegmili aýyrman, diňe ýaýradýar. Äýnegi mylaýym ýa-da ýyly suwuň aşagynda 15 minut saklamak has gowy arassalamaga ýardam eder.

**Gap-gaç ýuwujy serişde.** Äýnegi suwa tutanyňyzdan soňra, iki tarapyna gap-gaç ýuwujy serişdeden biraz damdyryp, barmagyňyz bilen çalaja owkalamaly. Ýöne ýuwujy serişdäni aşa köp ulanmakdan gaça durmaly. Sebäbi şeýle ýagdaýda linzanyň örtügine zeper ýetmegi mümkin.

**Arassa mikrosüýümli esgi.** Kagyz süpürgiçleri ýa-da mata bölegini äýnek arassalamak üçin ulanmaly däl. Ýumşak matadan taýýarlanan hem bolsa esgiler wagtyň geçmegi bilen äýnegiň aýnasyna zeper ýetirýär. Äýnegi arassalamak we guratmak üçin ýörite niýetlenen mikrosüýümli esgilerden gowusy ýok. Köplenç äýnegiň ýanynda bilelikde berilýän bu esgileri arassa saklamaly hem-de mahal-mahal ýuwup durmaly.

**Gabynda saklaň!** Äýnegi ulanylmaýan wagty ýörite gabyna salyp goýmagy endik edinmeli. Şeýlelikde, äýnek tozan basmakdan ýa-da haýsydyr bir zada degip, çyzylmakdan goralyp, has uzak ulanmagyňyza mümkinçilik berer. Eger-de äýnegiň gaby ýok bolsa, onda onuň aýnasyny ýokary bakdyryp ýa-da mikrosüýümli esgä orap goýmaly.

**Näçe wagt gerek?** Äýnegi doly arassalamak üçin 10 minut gerek. Adaty gündelik arassalaýyş üçin 5 minut ýeterlik. El-ýüzüňizi ýuwýan mahalyňyz äýnegiňizi hem arassalamagy endik edinseňiz, 1-2 minut wagtyňyzy alar.

## Bir sözlemde...

Hokkeý boýunça Kanadada zenanlaryň arasynda geçirilen 22-nji Dünýä Kubogynda ABŞ-nyň ýygyndysy 10-njy gezek çempion bolup, olar finalda ýer eýeleri Kanadanyň ýygyndysyny 6:3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi, çempionatda Şweýsariýany 3:2 ýeňen çehler bolsa bürünç medala mynasyp boldy.

Zenanlaryň arasyndaky Ýewropanyň 1-nji derejeli klub ýaryşy bolan Ýewroliganyň finalynda Türkiýäniň 2 kluby «Fenerbahçe Alagöz Holding» bilen «Mersin Ýenişehir Belediýesi» toparlary duşuşyp, olaryň birinjisi 99:60 hasabynda üstün çykdy we 5-nji gezekki finalynda kubogy ilkinji sapar eýelemegi başardy.

Braziliýanyň «Flamengo» topary 4 aýda 3 gezek finalda, 1 sapar hem ýarym finalda utulan klubuň portugaliýaly tälimçisi Witor Pereirany wezipesinden boşadyp, onuň ornuna golaýda «Sewilýadan» gaýdan argentinaly Horge Sampaoli 2024-nji ýylyň 31-nji dekabryna çenli tälimçilige bellendi.

Futbol boýunça Türkiýäniň 2-nji ligasy bolan «Spor Toto 1.Lig»-de sanawyň başyny çekýän «Ýylyport Samsunspor» topary möwsümiň tamamlanmagyna 6 tapgyr galanda, 11 ýyldan soň ýokary ligada – «Süper Lig»-de çykyş etmäge hukuk gazandy.

Germaniýanyň çempionaty «Bundesligada» iň aşaky orunda barýan we ligada galmak üçin göreşýän Berliniň «Herta» toparynda tälimçi Sandro Şwarts wezipesinden boşadylyp, onuň ornuna 47 ýaşyndaky wengriýaly Pal Dardai möwsümiň ahyryna çenli tälimçilige bellenildi.

Woleýbol boýunça zenanlar CEV Ýewropa Çempionlar Ligasynyň finalynda iki türk kluby – «Wakyfbank» bilen «Ejzajybaşy Daýnawit» toparlary duşuşar we final oýny 20-nji maýda Italiýanyň Turin şäherinde geçiriler.

Amerikanyň milli basketbol ligasy NBA-da «Memfis Grizzlis» toparynyň 23 ýaşyndaky oýunçysy Jaren Jekson Junior adaty möwsümiň goragçysy diýlip saýlandy.





# Türkmenistanyň futbol çempionatyna badalga berildi

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynyň 31-nji möwsümine badalga berildi. Täze möwsümiň ilkinji duşuşygynda «Köpetdag» bilen «Şagadam» toparlary duşuşyp, ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Köpetdagyň» gollaryny Ýazgylyç Gurbanow (25) bilen Şiri Annaýew (80 p), «Şagadamyň» ýeke-täk goluny hem 66-njy minutda Baýram Ataýew geçirdi.

Häzirki çempion «Ahal» hem täze möwsüme ýeňiş bilen başlap, olar öz meýdançasynda «Energetik» toparyndan 1-0 üstün çykmagy başardy. «Ahala» ýeňiş getiren ýeke-täk goly 80-nji minutda Gurbanmuhammet Esenow geçirdi. Edil şeýle netije «Merw» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, paýtagtlylar myhmançylykda Söhbet Allanurowyň 49-njy minutdaky penalti goly bilen 1-0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Altyn asyr» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky oýunda-da hasap açylmady.

Çempionatyň 2-nji tapgyrynyň duşuşyklarynda «Köpetdag» myhmançylykda «Energetik» toparyndan 2-0 üstün çykyp, 2-nji ýeňşini gazandy. Paýtagtlylaryň gollaryny 3-nji minutda Öwezbaý Muhammetberdiýew bilen 89-njy minutda Myrat Amantaganow derweze girizdi. Täze döredilen «Arkadag» topary özüniň ilkinji duşuşygynda «Merwi» kabul edip, 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda «Arkadag» toparynyň gollaryny ilkinji 10 minutda Didar Durdyýew (6) bilen Arslanmyrat Amanow (10) geçirdi. «Merwiň» adyndanam 49-njy minutda Alibek Abdyrahmanow tapawutlandy.

Balkan welaýaty derbisinde-de ýeňiş «Nebitçiniň» tarapynda bolup, balkanabatlylar «Şagadamy» 2–1 hasabynda ýeňmegi başardy. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Daýanç Orazgulyýew bilen Döwran Berdiýew derweze girizdi. Salim Umarowyň 69-njy minutdaky goly «Şagadama» ýeňiş üçin ýeterlik bolmady.

| I TAPGYRYŇ NETIJELERI: |
|---|
| «KÖPETDAG» — «ŞAGADAM»: 2-1 |
| /Ýazgylyç Gurbanow 25, Şiri Annaýew 80 p — Baýram Ataýew 66/ |
| «ALTYN ASYR» — «NEBITÇI»: 0-0 |
| «MERW» — «AŞGABAT»: 0-1 |
| /Söhbet Allanurow 49 p/ |
| «AHAL» — «ENERGETIK»: 1-0 |
| /Gurbanmuhammet Esenow 80/ |

| II TAPGYRYŇ NETIJELERI: |
|---|
| «NEBITÇI» — «ŞAGADAM»: 2-1 |
| /Daýanç Orazgulyýew 38 p, Döwran Berdiýew 58 — Salim Umarow 69/ |
| «ENERGETIK» — «KÖPETDAG»: 0-2 |
| /Öwezbaý Muhammetberdiýew 3, Myrat Amantaganow 89/ |
| «ARKADAG» — «MERW»: 2-1 |
| /Didar Durdyýew 6, Arslanmyrat Amanow 10 — Alibek Abdyrahmanow 49/ |

# «Real Madrid» hem-de «Milan» – ilkinji 2 ýarym finalçy

**UEFA Çempionlar Ligasynda ilkinji 2 finalçy belli boldy. Olar – ýaryşyň iň köp çempion bolan 2 topary, italiýaly ussat tälimçi Karlo Ançelottiniň häzirki tälim berýän kluby «Real Madrid» bilen ozalky tälim beren kluby «Milan» toparlarydyr.**

### SOŇKY 13 ÝYLDA 11-NJI GEZEK ÝARYM FINALDA

Çärýek finalyň 1-nji duşuşygynda öz meýdançasynda «Çelsini» 2-0 ýeňen «Real Madrid» Londonda-da garşydaşyny



şol hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Ispan klubuna ýeňiş getiren gollaryň ikisini hem 58-nji we 80-nji minutlarda braziliýaly winger Rodrigo öz adyna ýazdyrdy. Duşuşykda «çelsili» futbolçylar amatly pursatlardan peýdalanyp bilmedi. Umumy hasapda 4-0 öňe saýlanan «Real Madrid» soňky 13 ýylda 11-nji gezek ýarym finala çykmagy başardy. «Real Madrid» topary umumylykda Çempionlar Ligasynda 16-njy gezek ýarym finalda oýnar. Olar ýaryş Çempionlar Ligasy adyny almazyndan öňem 16 gezek ýarym finala çykypdy. 68-nji gezek geçirilýän ýaryşda «Real Madrid» jemi 32-nji gezek ýarym finalda oýnar. «Real Madrid» ýarym finalda «Mançester Siti» ýa-da «Bawariýa» bilen duşuşar.

«Çelsi» bolsa ähli ýaryşlary hasaba alanyňda yzly-yzyna 4-nji duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy. «Çelsi» 30 ýyldan soň ilkinji gezek bassyr 4 duşuşykda ýeňiş gazanyp bilmedi.

### «MILAN» 16 ÝYLDAN SOŇ ÝARYM FINALA ÇYKDY

Geçen hepdäniň çarşenbe güni 1-0 ýeňiş gazanan «Milan» myhmançylykda «Napoliden» ýeňilmedi (1-1). Çekeleşikli we dartgynly geçen duşuşyga ýer eýeleri erjel başlasa-da olara hasaby açmak başartmady. Garşylyklaýyn hüjümler bilen oýnan «Milanyň» weteran hüjümçisi Oliwie Žiru 23-nji minutda hasaby açmaga golaý geldi. Onuň ýerine ýetiren penalti urgusyny Aleks Meret saklamagy başardy. Ýöne bu pursatdan 20 minut soň, has takygy, 43-nji minutda Rafael Leaonyň ajaýyp pasyndan soň Žiru topy derweze girizip, penalti salyp bilmedik ýalňyşynyň öwezini doldy. 2-nji ýaryma-da hüjümler bilen başlan «Napoli» toparynyň gruziýaly ýyldyzy Hwiça Kwarasheliýa üçin hasaby deňlemäge uly mümkinçilik boldy. Onuň 82-nji minutda uran penaltisini derwezeçi Maýk Menýan sowmagy başardy. 90+3-nji minutda nigeriýaly hüjümçi Wiktor Osimheniň geçiren goly «Napoli» toparyna ýarym final üçin ýeterlik bolmady. «Milan» aprel aýynda «Napoli» bilen 3-nji gezek duşuşyp, 2 sapar ýeňiş gazandy, 1 oýun hem deňlikde tamamlandy. Çempionlar Ligasynda 5 oýundan soň gol geçirden «Milan» umumy hasapda 2-1 öňe saýlanyp, ýarym finala çykdy. 16 ýyldan soň ýarym finala adyny ýazdyran «Milan» soňky gezek 2007-nji ýylda ýarym finalda oýnap, soňlugy bilenem şol möwsüm çempion bolupdy.



«Milan» topary Çempionlar Ligasynda 7-nji, umumylykda-da bu ýaryşda 13-nji gezek ýarym finala çykdy. Italýan kluby «Real Madrid» (32), «Bawariýa» hem-de «Barselonadan» soň iň köp ýarym finala çykan 4-nji topardyr. «Milanyň» ýarym finaldaky garşydaşy «Inter» ýa-da «Benfika» bolar.

# «Mançester Ýunaýted» öz goragçylarynyň gollaryndan goranyp bilmedi

UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşy Ýewropa Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary oýnaldy. 1-nji oýunlarda 2 topar 1–0 hasabynda üstün çykan bolsa, 2 duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady.



«Old Traffordda» geçirilen «Mançester Ýunaýted» – «Sewilýa» duşuşygynda ýeňiş gazanan bolmady. Marsel Sabitseriň 14-nji we 21-nji minutlarda geçiren gollary bilen 2–0 öňe saýlanan «Mançester Ýunaýted» soňky minutlarda öz oýunçylarynyň öz derwezesinden geçiren gollaryna alaç tapyp bilmedi. 84-nji minutda Taýrell Malasia, 90+2-nji minutda-da ätiýaçdan oýna giren Harri Maguaýr topy öz derwezelerinden geçirip, hasaby deňlediler. Şunlukda, «Mançester Ýunaýted» agza-burna gelen ýeňşi öz goragçylarynyň geçiren gollary bilen elden giderdi.



«Ýuwentus»—«Sporting» duşuşygynda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi. 73-nji minutda Federiko Gattiniň takyk urgusy turinlilere ýeňiş getirdi. Edil şeýle netije geçen ýylyň Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň finalçylarynyň arasyndaky duşuşykda-da hasaba alyndy. Ýagny «Feýenoord» öz meýdançasynda «Romadan» 1–0 üstün çykdy. Rotterdamlylara ýeňiş getiren ýeke-täk pökgini Mats Wiffer (53) derweze girizdi. Lewerkuzendäki oýunda-da «Baýer» bilen «Ýunion Sent-Žillua» Wirtsiň (82) hem-de Bonifaseniň (51) garşylykly gollary bilen 1–1 deňme-deň oýnady. Jogap oýunlary şu gije oýnalar.

### «FIORENTINA» ÝARYM FINALYŇ BOSAGASYNDA

UEFA Konferensiýa Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary oýnalyp, Italiýanyň «Fiorentina» topary ýarym finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. Olar myhmançylykda «Leh Poznan» toparyndan 4–1 üstün çykmagy başardy. Italýan klubuna uly hasaply ýeňiş getiren gollary Kabral (4), Gonzales (41), Bonawentura (58) hem-de Ikone (63) geçirdi. «Anderleht» öz meýdançasynda «AZ Alkmaary» Murillo (22) we Aşimerunyň (70) gollary bilen 2–0 utdy. «Gent» bilen «West Hamyň» arasyndaky oýun 1–1 deňme-deň tamamlandy (Kuipers 57 — Ings 45+3). «Bazel» bilenem «Nissa» toparlary Amduniniň (26 p, 71) hem-de Moffiniň (38, 45+1) gollary esasynda 2–2 hasabynda deňme-deň oýnadylar. Jogap oýunlary şu gije oýnalar.

# Moto GP möwsümiň 3-nji ýaryşy

Moto GP boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşy ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky Ostin şäherinde geçirildi. «Americas» trassasynda geçirilen 20 aýlawlyk ýaryşda «LCR Honda Castrol» toparynyň ispan sürüjisi Aleks Rins ýeňiş gazandy. Bu onuň Moto GP-däki 6-njy ýeňşi bolup, ol 20 aýlawy 41 minut 14,649 sekuntda tamamlamagy başardy. «Mooney VR46 Racing» toparynyň italýan sürüjisi Luka Marini ýeňijiden 3,498 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransuz sürüjisi Fabio Kuartararo ýeňijiden 4,936 sekunt soň pellehana gelip, ýaryşy 3-nji orunda tamamlady. Sprint ýaryşynda bolsa «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia 1-nji, şeýlede, Aleks Rins 2-nji, «Prima Pramac Racing» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin 3-nji ýeri eýeledi.



Moto GP-de geçirilen 3-nji ýaryşdan soň Marko Bezzeççi 64 utuk bilen 1-nji orunda barýar. 2-nji ýerdäki Françesko Banaianyň 53 utugy bar. Aleks Rins utugyny 47-ä çykaryp, 3-nji orna beýgeldi.

Möwsümiň 3-nji ýaryşy 30-njy aprelde Ispaniýanyň Herez şäherinde geçiriler.



# Boston marafonynda keniýalylar ýeňiş gazandy

Dünýäniň 6 uly marafon ýaryşynyň biri bolan Boston marafonynda keniýalylar ýeňiş gazandy. 127-nji gezek geçirilen ýaryşda erkekleriň arasynda Ewans Çebet ýeňiji boldy. 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 05 minut 54 sekuntda geçen Ewans Bostonda bassyr 2-nji gezek çempion bolmagy başardy. Bu onuň uly marafonlardaky 3-nji çempionlygy bolup, 34 ýaşyndaky türgen geçen ýyl Nýu Ýorkda hem ýeňiş gazanypdy. Ýaryşy 2 sagat 06 minut 04 sekuntda tamamlan tanzaniýaly Gabriel Geaý 2-nji, başga bir keniýaly türgen Benson Kipruto 3-nji orny eýeledi.

Zenanlaryň arasynda 2 sagat 21 minut 38 sekuntda pellehana gelen keniýaly Helen Obiri altyn medala mynasyp boldy. Bu onuň uly marafonlardaky ilkinji çempionlygydyr. Obiriden 12 sekunt yza galan efiopiýaly Amane Beriso 2-nji, 19 sekunt soň pellehana gelen ysraýylly Lonah Salpeter 3-nji ýeri eýeledi.



# ILKINJI «Masters» çempionlygy

Tennis boýunça Monakonyň merkezi şäheri Monte Karloda erkekleriň arasynda geçirilen «Masters» ýaryşynda russiýaly Andreý Rublew çempion boldy. Ol finalda daniýaly Holger Rune bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen finalyň 1-nji setinde Rune öňde barýan oýnunda 7:5 asgyn geldi. 2-nji setde Rublewe üstün çykmak kyn düşmedi (6:2). 3-nji set hem edil 1-nji set ýaly çekeleşikli geçip, Rublew 7:5 ýeňiş gazanyp, karýerasyndaky ilkinji «Masters» kubogyny asmana göterdi. Bu onuň ATP bäsleşiklerindäki 13-nji çempionlygy boldy. 116-njy gezek geçirilen «Monte Karlo Masters» ýaryşynyň umumy baýrak gaznasy 5,779 million ýewro deň bolup, Rublew ýeňiji hökmünde 892,5 müň ýewro pul baýragy bilen sylaglandy. «Monte Karlo Masters» ýaryşy toprak meýdançada geçirilýär.

## ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

**21-nji aprel (anna):**
Arsenal — Southempton (00:00), Anže — PSŽ (00:00)

**22-nji aprel (şenbe):**
Maýns — Bawariýa (18:30), Liwerpul — N. Forest (19:00), Borussiýa D — Aýntraht (21:30), Real Madrid —Selta (00:00), Lans — Monako (00:00)

**23-nji aprel (ýekşenbe):**
Empoli — Inter (15:30), PSW — Aýaks (17:30), Nýukasl — Tottenham (18:00), Barselona — Atletiko (19:15), Feýenoord — Utreht (19:45), Baýer — Leipsig (20:30), Milan — Leçче (21:00), Borussiýa M — Union Berlin (22:30), Ýuwentus — Napoli (23:45), Lion — Marsel (23:45), Sewilýa — Wilýarreal (00:00)

**24-nji aprel (duşenbe):**
Atalanta — Roma (23:45)

**25-nji aprel (sişenbe):**
Aston Willa — Fulham (23:45)

**26-njy aprel (çarşenbe):**
West Ham — Liwerpul (23:45), Man. Siti — Arsenal (00:00)

**27-nji aprel (penşenbe):**
Tottenham — M. Ýunaýted (00:15)

### PREMIER LEAGUE (31) – 36 gol

**A. Willa—Nýukasl: 3–0** (Remzi 11, Watkins 64, 83), **Wulwerhempton—Brentford: 2–0** (Diego Kosta 27, Hi Çan Hwan 68), **Tottenham—Bornmut: 2–3** (Son Hyn Min 14, Danžuma 88 — Winýa 38, Solanke 51, Wattara 90+5), **Southempton—K. Palas: 0–2** (Eze 54, 68), **Ewerton—Fulham: 1–3** (Maknil 35 — Rid 22, Wilson 51, Jeýms 68), **Çelsi—Braýton: 1–2** (Gallaher 13 – Welbek 43, Enkiso 70), **M. Siti—Lester: 3–1** (Stounz 5, Holann 13 p, 25 — Iheanaço 75), **West Ham—Arsenal: 2-2** (Benrahma 33 p, Bowen 55 – Žesus 7, Edegor 10), **N. Forest—M. Ýunaýted: 0-2** (Antoni 32, Dalot 76), **Lids—Liwerpul: 1–6** (Sinisterra 47 – Gakpo 35, Salah 39, 64, Žota 52, 74, Nunýes 90)

### LA LIGA (29) – 31 gol

**Raýo Wallekano—Osasuna: 2–1** (Aridane 40 ö.d., Palason 43 — Moi Gomes 66), **Wilýarreal—Walýadolid: 1–2** (Kapu 74 — Amallah 2, El-Ýamik 34), **Atletik—Real Sosiedad: 2–0** (Iniaki Williams 33, 70), **Betis—Espanýol: 3–1** (Aýose Peres 27, Miranda 34, Karwalýo 69 — Montes 48), **Kadiz—Real Madrid: 0–2** (Naço 72, Asensio 76), **Žirona—Elçe: 2–0** (Kastelýanos 45, Oriol Romeu 70), **Hetafe—Barselona: 0–0, Atletiko—Almeriýa: 2–1** (Grizmann 5, 44 — Himenes 37 ö.d.), **Walensiýa—Sewilýa: 0–2** (Bade 55, Suso 75), **Selta—Malýorka: 0–1** (Amat 21)

### SERIE A (30) – 17 gol

**Kremoneze—Empoli: 1–0** (Dessers 4), **Spesiýa—Lasio: 0–3** (Immobile 36 p, Anderson 52, Antonio 89), **Bolonýa—Milan: 1–1** (Sansone 1 — Pobega 40), **Napoli—Werona: 0–0, Inter—Monza: 0–1** (Kaldirola 78), **Leçce—Sampdoriýa: 1–1** (Sisseý 31 — Hese 75), **Torino—Salernitana: 1–1** (Sanabriýa 57 — Wiliena 9), **Sassuolo—Ýuwentus: 1–0** (Deffrel 64), **Roma—Udineze: 3–0** (Bowe 37, Pellegrini 55, Abraham 90+1), **Fiorentina—Atalanta: 1–1** (Kabral 55 p — Mele 37)

### LIGUE 1 (31) – 33 gol

**Tuluza—Lion: 3–1** (Abuhlal 37 — Lakazett 34 p, Koşta 88 ö.d.), **Renn—Reýms: 3–0** (Dokýu 9, 19, Teate 68), **PSŽ—Lans: 3–1** (Mbappe 31, Witiniýa 37, Messi 40 — Frankowski 40 p), **Lill—Monpelie: 2–1** (Dewid 70, Kabella 72 — Silla 24), **Oser—Nant: 2–1** (Žubal 5 p, Da Koşta 53 — Mohamed 55), **Brest—Nissa: 1–0** (Le Duaron 12), **Klermon—Anže: 2–1** (Kiýeý 33 p, Çam 39 p — Ýunu 28), **Strasbur—Aýaçço: 3–1** (Gameýro 26 p, Diarra 71, Suzuki 90 — Barreto 76), **Monako—Loriýan: 3–1** (Diatta 14, Golowin 28, Wolland 55 — Kone 86 p), **Marsel—Tuluza: 3–1** (Witiniýa 2, 64, Ünder 40 — Balde 90+1)

### BUNDESLIGA (28) – 29 gol

**Şalke—Herta: 5–2** (Skarke 3, Büllter 14, 78, Terodde 48, Kaminskiý 90+1 — Ýowetiç 45+2, Rihter 84), **Ştutgart—Borussiýa D: 3–3** (Kulibali 78, Wagnoman 84, Katompa Mwumpa 90+7 — Haller 26, Malen 33, Reýna 90+3), **Leipsig—Augsburg: 3–2** (Kampl 10, Werner 32, 35 — Maýer 5, Wargas 82), **Köln—Maýns: 1–1** (Lýubowiç 51 — Ažork 17), **Bawariýa—Hoffenhaým: 1–1** (Pawar 17 — Kramariç 71), **Aýntraht—Borussiýa M: 1–1** (Kolo Muani 83 — Hofmann 13), **Werder—Fraýburg: 1–2** (Filipp 47 — Şolloi 67, Hýoler 71), **Union Berlin—Bohum: 1–1** (Ýuranowiç 45+3 — Şteger 55 p), **Wolfsburg—Baýer: 0–0**

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 31 | 23 | 5 | 3 | 74-31 | 74 |
| 2 | MAN. SITI | 30 | 22 | 4 | 4 | 78-28 | 70 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 30 | 18 | 5 | 7 | 46-37 | 59 |
| 4 | NÝUKASL | 30 | 15 | 11 | 4 | 48-24 | 56 |
| 5 | TOTTENHAM | 31 | 16 | 5 | 10 | 57-45 | 53 |
| 6 | ASTON WILLA | 31 | 15 | 5 | 11 | 44-40 | 50 |
| 7 | BRAÝTON | 29 | 14 | 7 | 8 | 54-37 | 49 |
| 8 | LIWERPUL | 30 | 13 | 8 | 9 | 56-36 | 47 |
| 9 | BRENTFORD | 31 | 10 | 13 | 8 | 47-42 | 43 |
| 10 | FULHAM | 30 | 12 | 6 | 12 | 42-41 | 42 |
| 11 | ÇELSI | 31 | 10 | 9 | 12 | 30-33 | 39 |
| 12 | K. PALAS | 31 | 9 | 9 | 13 | 31-40 | 36 |
| 13 | W. HEMPTON | 31 | 9 | 7 | 15 | 26-42 | 34 |
| 14 | BORNMUT | 31 | 9 | 6 | 16 | 31-59 | 33 |
| 15 | WEST HAM | 30 | 8 | 7 | 15 | 29-41 | 31 |
| 16 | LIDS | 31 | 7 | 8 | 16 | 40-60 | 29 |
| 17 | EWERTON | 31 | 6 | 9 | 16 | 24-46 | 27 |
| 18 | NOTTINGAM | 31 | 6 | 9 | 16 | 24-56 | 27 |
| 19 | LESTER | 31 | 7 | 4 | 20 | 41-55 | 25 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 31 | 6 | 5 | 20 | 24-53 | 23 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 32 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 23 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 18 |
| 4 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 15 |
| 5 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 15 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 29 | 23 | 4 | 2 | 53-9 | 73 |
| 2 | REAL MADRID | 29 | 19 | 5 | 5 | 61-24 | 62 |
| 3 | ATLETIKO | 29 | 18 | 6 | 5 | 47-21 | 60 |
| 4 | R. SOSIEDAD | 29 | 15 | 6 | 8 | 37-28 | 51 |
| 5 | BETIS | 29 | 14 | 6 | 9 | 37-30 | 48 |
| 6 | WILÝARREAL | 29 | 14 | 5 | 10 | 38-28 | 47 |
| 7 | ATLETIK B | 29 | 12 | 7 | 10 | 40-29 | 43 |
| 8 | R. WALLEKANO | 29 | 10 | 10 | 9 | 35-34 | 40 |
| 9 | ŽIRONA | 29 | 10 | 8 | 11 | 44-42 | 38 |
| 10 | OSASUNA | 29 | 10 | 8 | 11 | 25-30 | 38 |
| 11 | MALÝORKA | 29 | 10 | 7 | 12 | 26-30 | 37 |
| 12 | SELTA | 29 | 9 | 9 | 11 | 36-40 | 36 |
| 13 | SEWILÝA | 29 | 9 | 8 | 12 | 35-44 | 35 |
| 14 | WALÝADOLID | 29 | 9 | 5 | 15 | 25-48 | 32 |
| 15 | HETAFE | 29 | 7 | 10 | 12 | 27-36 | 31 |
| 16 | KADIZ | 29 | 7 | 10 | 12 | 23-42 | 31 |
| 17 | ALMERIÝA | 29 | 8 | 6 | 15 | 35-50 | 30 |
| 18 | WALENSIÝA | 29 | 7 | 6 | 16 | 30-36 | 27 |
| 19 | ESPANÝOL | 29 | 6 | 9 | 14 | 35-49 | 27 |
| 20 | ELÇE | 29 | 2 | 7 | 20 | 20-59 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 17 |
| 2 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 14 |
| 3 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 13 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 12 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 12 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 30 | 24 | 3 | 3 | 66-21 | 75 |
| 2 | LASIO | 30 | 18 | 7 | 5 | 49-20 | 61 |
| 3 | ROMA | 30 | 17 | 5 | 8 | 42-26 | 56 |
| 4 | MILAN | 30 | 15 | 8 | 7 | 49-37 | 53 |
| 5 | INTER | 30 | 16 | 3 | 11 | 48-34 | 51 |
| 6 | ATALANTA | 30 | 14 | 7 | 9 | 48-35 | 49 |
| 7 | ÝUWENTUS | 30 | 18 | 5 | 7 | 47-25 | 44 |
| 8 | BOLONÝA | 30 | 12 | 8 | 10 | 39-37 | 44 |
| 9 | FIORENTINA | 30 | 11 | 9 | 10 | 35-33 | 42 |
| 10 | SASSUOLO | 30 | 11 | 7 | 12 | 38-43 | 40 |
| 11 | TORINO | 30 | 10 | 9 | 11 | 31-36 | 39 |
| 12 | UDINEZE | 30 | 9 | 12 | 9 | 39-39 | 39 |
| 13 | MONZA | 30 | 10 | 8 | 12 | 35-41 | 38 |
| 14 | EMPOLI | 30 | 7 | 11 | 12 | 25-37 | 32 |
| 15 | SALERNITANA | 30 | 6 | 12 | 12 | 34-50 | 30 |
| 16 | LEÇÇE | 30 | 6 | 10 | 14 | 26-36 | 28 |
| 17 | SPESIÝA | 30 | 5 | 11 | 14 | 25-48 | 26 |
| 18 | WERONA | 30 | 5 | 8 | 17 | 24-43 | 23 |
| 19 | KREMONEZE | 30 | 3 | 10 | 17 | 27-54 | 19 |
| 20 | SAMPDORIÝA | 30 | 3 | 7 | 20 | 19-51 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 21 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 3 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 13 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 13 |
| 5 | Hwiça KWARASHELIÝA (Napoli) | 12 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 31 | 23 | 3 | 5 | 73-30 | 72 |
| 2 | MARSEL | 31 | 19 | 7 | 5 | 57-30 | 64 |
| 3 | LANS | 31 | 18 | 9 | 4 | 51-25 | 63 |
| 4 | MONAKO | 31 | 18 | 7 | 6 | 66-43 | 61 |
| 5 | LILL | 31 | 16 | 7 | 8 | 56-39 | 55 |
| 6 | RENN | 31 | 16 | 5 | 10 | 51-33 | 53 |
| 7 | LION | 31 | 14 | 8 | 9 | 49-34 | 50 |
| 8 | REÝMS | 31 | 11 | 14 | 6 | 40-32 | 47 |
| 9 | NISSA | 31 | 11 | 12 | 8 | 38-29 | 45 |
| 10 | LORIÝAN | 31 | 12 | 9 | 10 | 43-43 | 45 |
| 11 | KLERMON | 31 | 12 | 7 | 12 | 33-42 | 43 |
| 12 | TULUZA | 31 | 11 | 5 | 15 | 47-54 | 38 |
| 13 | MONPELIE | 31 | 11 | 4 | 16 | 47-52 | 37 |
| 14 | OSER | 31 | 8 | 8 | 15 | 29-52 | 32 |
| 15 | NANT | 31 | 6 | 13 | 12 | 33-44 | 31 |
| 16 | BREST | 31 | 7 | 10 | 14 | 35-48 | 31 |
| 17 | STRASBUR | 31 | 6 | 11 | 14 | 41-53 | 29 |
| 18 | TRUA | 31 | 4 | 9 | 18 | 39-67 | 21 |
| 19 | AÝAÇÇO | 31 | 6 | 3 | 22 | 22-58 | 21 |
| 20 | ANŽE | 31 | 3 | 5 | 23 | 24-66 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 20 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 20 |
| 3 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 19 |
| 4 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 18 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 17 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 28 | 17 | 8 | 3 | 78-30 | 59 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 28 | 18 | 3 | 7 | 62-39 | 57 |
| 3 | UNION BERLIN | 28 | 15 | 7 | 6 | 43-31 | 52 |
| 4 | LEIPSIG | 28 | 15 | 6 | 7 | 53-35 | 51 |
| 5 | FRAÝBURG | 28 | 14 | 8 | 6 | 41-37 | 50 |
| 6 | BAÝER | 28 | 13 | 5 | 10 | 51-41 | 44 |
| 7 | AÝNTRAHT | 28 | 11 | 9 | 8 | 49-41 | 42 |
| 8 | MAÝNS | 28 | 11 | 9 | 8 | 46-39 | 42 |
| 9 | WOLFSBURG | 28 | 10 | 10 | 8 | 46-36 | 40 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 28 | 9 | 9 | 10 | 43-45 | 36 |
| 11 | KÖLN | 28 | 7 | 11 | 10 | 37-46 | 32 |
| 12 | WERDER | 28 | 9 | 5 | 14 | 43-54 | 32 |
| 13 | HOFFENHAÝM | 28 | 8 | 5 | 15 | 38-47 | 29 |
| 14 | AUGSBURG | 28 | 8 | 5 | 15 | 37-53 | 29 |
| 15 | BOHUM | 28 | 8 | 3 | 17 | 31-61 | 27 |
| 16 | ŞTUTGART | 28 | 5 | 9 | 14 | 35-50 | 24 |
| 17 | ŞALKE | 28 | 5 | 9 | 14 | 26-52 | 24 |
| 18 | HERTA | 28 | 5 | 7 | 16 | 33-55 | 22 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 16 |
| 2 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 13 |
| 3 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 13 |
| 4 | Remdel KOLO MUANI (Aýntraht) | 13 |
| 5 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |

# 9 OÝNUŇ 6-SY DEŇLIKDE TAMAMLANDY

**Germaniýanyň çempionatynda** 28-nji tapgyrda geçirilen 9 duşuşygyň 6-synda deňme-deňlik hasaba alnyp, olaryň 4-si 1–1 hasabynda tamamlandy. Sanawyň lideri «Bawariýa» öz meýdançasynda «Hoffenhaým» bilen 1–1 hasabynda



deňme-deň oýnady. Myhmançylykda "Ştutgart" bilen duşuşan "Borussiýa Dortmund" bolsa agzaburna gelen ýeňşi elden giderdi. Dortmundlylar ilkinji 33 minutda 2-0 öňe saýlansa-da, olara üstünligini saklamak başartmady. 40-njy minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan ýer eýeleri oýnuň soňky 12 minutynda hasaby deňlemegi başardy. Ýöne muňa garamazdan, 90+3-nji minutda Reýnanyň goly bilen 3–2 öňe saýlanan "Borussiýa Dortmund" topary 90+7-nji minutda goragçylarynyň gödek ýalňyşlygyndan soň Katompa Mwumpanyň hasaby deňlemeginiň öňüni alyp bilmedi.

**Angliýanyň çempionatynda** «Arsenal» çempionlyk ýolunda ýene-de edil geçen tapgyrdaky ýaly 2 utuk ýitirdi. London derbisinde myhmançylykda «West Ham» bilen duşuşan «Arsenal» eýýäm ilkinji 10 minutda Žesus hem-de Edegoryň gollary bilen 2–0 öňe geçdi. Ýöne Artetanyň şägirtlerine bu üstünligini soňuna çenli saklamak başartmady. 33-nji minutda penaltiden Benrahmanyň hem-de 55-nji minutda Boweniň gollary bilen «West Ham» hasaby deňledi. Oýnuň 52-nji minutynda «Arsenaldan» Saka penaltini salyp bilmedi. «Lester Sitini» 3–1 ýeňen «Mançester Sitiniň» 1 oýny kem bolup, «Arsenaldan» 4 utuk yzda barýar. «Nýukasly» 3–0 ýeňen «Aston Willa» çempionatda 25 ýyldan soň yzly-yzyna 5 duşuşykda ýeňiş gazandy. Salah we Žotanyň hersiniň 2 gol geçiren oýnunda «Liwerpul» myhmançylykda «Lidsi» 6–1 hasabynda utdy.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ 2-nji ýerdäki «Lans» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykyp, çempionlyga ýene bir ädim golaýlady. Parižlileriň gollaryny 9 minutyň dowamynda Mbappe, Witiniýa hem-de Messi geçirdi. Mbappe PSŽ-däki 139-njy goluny geçirip, Edinson Kawaniden öňe saýlandy we çempionatyň çäginde klubuň iň netijeli futbolçysy boldy. Lionel Messiniň Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda geçiren gollarynyň sany 495-e ýetip, ol bu ugurda Kristiano Ronaldonyň rekordyny gaýtalady. «Marsel» bolsa Witiniýanyň (2) hem-de Ünderiň gollary bilen «Tuluzadan» 3–1 üstün çykyp, 2-nji orna beýgeldi.

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Barselona» öz meýdançasynda «Žirona» bilen golsuz deňme-deň oýnap, katalonlar geçen tapgyrda-da myhmançylykda «Hetafeniň» derwezesinden gol geçirip bilmändi. Kubok ýaryşynda «Real Madridden» hem 4–0 utulan «Barselona» toparyna bassyr 3-nji duşuşygynda gol geçirmek başartmady. Katalonlar soňky gezek 2008-nji ýylda yzly-yzyna 3 oýunda gol geçirip bilmändi. «La Ligada» bolsa olaryň 30 ýyldan soň bassyr 2 duşuşygy golsuz tamamlandy. Myhmançylykda «Kadiz» toparyny Naço we Asensionyň gollary bilen 2–0 ýeňen «Real Madrid» lider «Barselona» bilen arasyndaky utuk aratapawudyny 11-e düşürdi. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Almeriýany» Grizmannyň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy.

**Italiýanyň çempionatynda** 30-njy tapgyr öňdebaryjy klublaryň arasynda diňe paýtagtyň klublary üçin şowly geçdi. Sanawyň lideri «Napoli» öz meýdançasynda «Werona» bilen golsuz deňme-deň oýnady. Soňky çempion «Milan» myhmançylykda «Bolonýa» bilen utuklary paýlaşdy (1–1). «Inter» bolsa «Monzadan» Kaldirolanyň 78-nji minutda geçiren goly esasynda 1–0 asgyn geldi. «Inter» toparyna bassyr 3 oýundan bäri Juseppe Meazzada gol geçirmek başardanok. Şeýle statistika «Serie A»-da «Inter» üçin ilkinji gezek hasaba alyndy. «Ýuwentus» bolsa myhmançylykda «Sassuolodan» 1–0 hasabynda utuldy. 2-nji ýerdäki «Lasio» myhmançylykda «Spesiýany» 3–0 utdy. Duşuşykda rimlileriň 1-nji goluny geçiren Çiro Immobile soňky 7 möwsümiň hersinde azyndan 10 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Edil şeýle hasap bilen «Roma» öz meýdançasynda «Udinezeni» ýeňlişe sezewar etdi.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!



## 18-nji KROSSWORD

**Oral BEGNAZAROW,** *Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

● **DIKLIGINE:** **1.** Sorag çalyşmasy. **2.** Agajy ülje agajyna, miwesi itüzüme meňzeş ösümlik. **3.**Kütek däl, kesgir. **4.** Sazagyň, ojaryň ýogyn ýeri, düýbi. **5.** Karib deňziniň demirgazyk bölegindäki ada döwleti. **6.** Üleşikden düşen bölek, hak. **8.** Eýranyň iň gadymy dini eserleriniň biri. **11.** Tropik miwe. **13.** Ýaponlaryň milli lybasy. **15.** Dagyň eteginden keseligine ugurdaş geçýän ýol. **17.** Diräp söýget etmek üçin peýdalanylýan agaç. **18.** Gyz ady. **19.** Dünýäniň iň uly sebiti. **21.** Mämişi, hoşboý ysly guradylan gül. **23.** Örän maýda, üzüme meňzeş, garaja miwe getirýän gyrymsy ösümlik. **24.** Oglany we gyzy ýaşlygyndan bir-birine bellemek däbi. **25.** Pul birligi. **26.** Lamborjini awtoulagynyň bir modeli. **27.**Saz eseriniň grafik belgisi. **28.** Massa ölçeg birligi. **29.** Ýüz döndermek, el çekmek. **31.**Lezzet, rähnet. **32.** Türkmenistanyň halk artisti, bagşy ... Annaýew. **33.** Polk nusgawy suratkeşi Ýan Antoniý .... **34.** Ýeriň deňsiz topraklary, ummanlaryň we deňizleriň düýbi. **35.** Esasan, guýrugy ak, çypar at. **37.** «...-myrat» (nakyl). **38.** Türkmenistanyň halk artisti ... Allanowa. **42.** Gapy. **43.** Şwesiýanyň meşhur kompaniýalarynyň biri. **44.** Günüň daşynda aýlanyp, ondan ýagtylyk we ýylylyk alýan asman jisimi. **45.** Daş-töweregi çil bilen çäklendirilen kiçiräk ýer. **47.** «Ylgamak» sözüniň iňlisçesi. **50.**Adamyň hünär edinen işi.

● **KESELIGINE:** **1.** Optiki enjam, oýunjak. **7.**«Göwün-göwünden suw içer, ... □bogundan» (nakyl). **9.** Häkimlik simwoly hökmünde monarhyň geýýän bezegli başgaby. **10.** Kökünden derman taýýarlanylýan ösümlik. **12.** San. **14.** Daş-töweregini suw gurşap alan gury ýer bölegi. **16.**Klawiaturanyň nawigasiýa açar düwmesi. **19.**...-ene. **20.**Makroskopiki ulgamlaryň iň umumy häsiýetlerini we şeýle ulgamlarda energiýa geçiriş, özgeriş usullaryny öwrenýän fizikanyň bir bölümi. **21.** Patyşa, soltan. **22.** Nota. **24.** Oba hojalyk senagaty. **30.** Ýuka gabykly süýri üzüm. **36.** Nýu-Ýork şäheriniň gysga aňladylyşy. **38.** «Ene eli □ ..., dili □ melhem» (nakyl). **39.** Hemmetaraplaýyn, hersi. **40.** Bir zadyň düýbi, aşagy. **41.** «Aýak» sözüniň iňlisçesi. **42.** Özüňden kiçi erkek dogan. **44.**Russiýanyň uly şäherleriniň biri. **46.** Eliň başam barmagy bilen külem barmagynyň arasynda deň bolan uzynlyk ölçegi. **48.** Pars imperiýasynyň Beýik şasy ... II. **49.** Guzudan uly, alty aýlykdan bir ýaşyna çenli aralykdaky goýun maly. **51.** Bir zat hakynda pikir, garaýyş.

### 17-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| M | E | S | E | L | E | | E | | A | D | I | D | A | S |
| I | | A | | | T | E | B | I | L | | | I | | E |
| K | | N | Ä | Ç | E | | Ş | | D | Ü | Ý | P | | Ý |
| R | A | J | | | N | | I | | A | | | L | A | R |
| O | | A | | K | E | N | T | A | W | R | | O | | A |
| B | E | R | G | I | | O | | | | U | M | M | A | N |
| | J | | | S | A | M | O | K | A | T | | | S | |
| Ç | A | G | Y | L | | E | | A | | E | L | G | U | Ş |
| | Z | | | O | W | R | A | N | A | N | | | D | |
| B | A | G | E | T | | | | U | | I | Ç | Ý | A | N |
| U | | Ö | | A | M | M | O | N | I | Ý | | A | | U |
| G | U | W | | | E | | W | | Ş | | | N | A | R |
| D | | H | A | L | K | | M | | L | O | R | D | | B |
| A | | E | | | A | K | A | S | I | | | A | | A |
| Ý | O | R | G | A | N | | Ç | | K | R | I | K | E | T |

### 13-nji skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| B | I | T | A | R | A | P | | B | | K | | B |
| | | O | | | Ş | | G | A | B | A | R | A |
| D | A | Ý | H | A | N | A | | R | | R | E | T |
| | | H | | G | A | B | A | H | A | T | | G |
| A | G | A | L | Y | | A | | A | R | A | | A |
| W | | N | | L | Ü | T | I | | A | | T | |
| A | B | A | | | L | | T | O | K | M | A | K |
| Z | | | M | Ü | Ň | | M | | S | Y | Ý | A |
| A | L | Ç | A | | I | N | E | R | | H | | I |
| | A | | Ý | | | E | K | E | N | | A | R |
| A | Ý | H | A | N | | M | | Ý | | | T | |
| Ý | | | | I | L | E | N | | A | M | A | N |
| L | I | W | I | Ý | A | | A | | T | A | B | A |
| A | | A | | E | M | E | L | | A | R | A | M |
| W | | Ý | A | T | A | | A | R | Ş | | Ý | A |

---

«TÜRKMENHIMIÝA»
DÖWLET KONSERNINIŇ

## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy Türkmenistanda halkymyzyň giňden belleýän baýramlarynyň biridir. Sizi we ähli halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň başyňyzyň dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňizde uly-uly üstünlikler gazanmagyňyzy gudraty güýçli Allatagaladan dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň**
**«TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Agyz beklenip, dost-ýarlary, dogan-garyndaşlary myhmançylyga çagyryp, agzaçar edilip, gudraty güýçli Allatagaladan birek-birege gowulyklaryň dilenýän aýy bolan mukaddes Remezan aýynda Oraza baýramy mynasybetli Size we mähriban halkymyza iň süýji arzuwlarymyzy ýetirýäris.

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Remezan aýynda Size we mähriban halkymyza dünýädäki ähli gowulyklary dileg edýäris! Oraza halklary biri-birine ýakynlaşdyrýar. Bu baýramyň many-mazmunynda halkymyzyň beýik medeniýeti, gadymy däp-dessurlary, ynanç-adatlary jemlenendir. Oraza aýynda Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, tutumly işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## Balgaýmak

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we ähli halkymyzy gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Ruhubelent halkymyzyň eşretli durmuşynyň, bagtly geljeginiň hatyrasyna Beýik Biribar Sizi mydama öz penasynda aman saklasyn, janyňyz sag, manyly ömrüňiz uzak, il-halk bähbitli işleriňiz şowly bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRi

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyz bereketden, sahawatdan, haýyr işlerden doly Oraza aýynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe il-ýurdumyzyň abadan durmuşy üçin alyp barýan ähli işleriňiziň hasyl bolmagyny arzuw edip, doga-dilegler edýär. Mukaddes Oraza aýynda okalan doga-dilegler Beýik Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## nowa

ÝOKARY HILLI
GAPLAMA

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli gutlaýarys!

Ähli musulman dünýäsinde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem mukaddes Remezan aýynyň tamamlanmagy bilen musulmanlaryň Oraza baýramy bellenilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Halkymyzyň köpasyrlyk taryhynyň dowamynda döreden baý ruhy mirasy – Oraza baýramy dünýäniň umumadamzat gymmatlyklarynyň bir bölegidir. Remezan köňül öýleriniň mähri bilen baglanyşyklydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ruhy dünýäsi ýagşylyga, ajap umyt-arzuwlara beslenen halkymyz her bir mukaddeslige kalp öýünden orun berip ýaşaýar. Oraza aýy ynsan durmuşyna, ýüregine nur çaýýar. Oraza aýynda Diýarymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar şu güni we röwşen geljegi ugrunda uly işleri alyp barýan **belent mertebeli Prezidentimiz** – Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagy arzuw edilip, doga-dilegler edildi. Goý, päklenmegiň, toba etmegiň belent nyşany hökmünde Allatagalanyň ynsan kalbyna bagyş eden mübärek Oraza aýynda edilen doga-dilegler, alkyş-ybadatlar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynyň iň mübärek gijesi Gadyr gijesi hasap edilýär. Şonuň üçin oňa gijeleriň soltany diýilýär. Bu gijäniň gadyr-gymmaty, haýyrlydygy hakynda dürli taryhy çeşmelerde aýdylýar. Gadyr gijesinde halkymyz ata-baba aňyrdan gelýän däp-dessura görä, mukaddes ojaklarynda nahar taýýarlap, goňşokara däbini ýöredip, birek-birege hoşniýetli sözleri aýdyp, maşgala agzybirligini, rysgal-döwletliligi dileg edýärler. Bu hoşniýetlilik ynsanlary biri-birine ýakynlaşdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siz hemişe il agzybirligi, ýurt abadançylygy, halkymyzyň eşretli, bolelin ýaşaýşy bilen bagly işleriň aladasy bilen ýaşaýarsyňyz. Goý, Oraza aýynda her birimiziň doga-dileglerimiz, arzuw-isleglerimiz hasyl bolsun! Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, halkymyzyň eşretli ertiri üçin alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňiz, beýik tutumlaryňyz hemişe rowaç bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ruhy päkligiň we sahawatlylygyň, hoşniýetliligiň we abadançylygyň nyşany hökmünde uly dabara bilen giňden bellenip geçilýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Bütin bir aýyň dowamynda agyz beklemek ynsan synasyna, kalbyna tämiz duýgulary bagyşlaýar.

**Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz!**

Gudraty güýçli Allatagala mukaddes Remezan aýynda tutulan orazalaryň, edilen ýagşy doga-dilegleriň hormatyna il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleriňizi elmydama rowaç etsin! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi türkmenistanlylaryň uly dabara bilen giňden belläp geçýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ahlak tämizliginiň we ruhy kämilligiň baýramy bolan mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Hoşniýetliligiň belent ýörelgelerini özünde jemleýän Oraza baýramy halkymyzyň ýokary ruhy-ahlak gymmatlyklary, däp-dessurlary, ynanç-adatlary, ynsanperwerlik ýörelgeleri bilen baýlaşdyrylyp hem-de kämilleşdirilip gelinýän ajaýyp baýramlaryň biridir. Halkymyz iňňän gadymy döwürlerden bäri Oraza baýramyna aýratyn sarpa goýýar. Häzirki döwürde asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçirilip, kämil derejä ýetirilen we haýyr-sahawatlylygy dabaralandyrýan Oraza baýramyny täze many-mazmun, milli öwüşginler bilen has-da baýlaşdyryp, agzybirligimizi we jebisligimizi pugtalandyrýan baýram hökmünde bellemäge giň mümkinçilikler döredildi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Kalplaryň tämizlenýän, köňülleriň nur bilen dolýan mübärek Oraza aýynda edilen tagat-ybadatlar, okalan tarawa namazlar, berlen agzaçar sadakalar, ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň hatyrasyna edilen doga-dilegler Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Mübärek Remezan aýynda Size we mähriban ildeşlerimize mukaddes Oraza baýramy mynasybetli iň gowy arzuwlarymyzy ýollaýarys!

Ajaýyp döwrümizde halkymyzyň asuda, parahat, bolelin durmuşda ýaşamagy üçin döredilýän mümkinçilikler raýatlarymyzda buýsanç duýgusyny oýarýar. Halkymyz her ýyl umyt-arzuwlar bilen Oraza baýramyny belleýär. Oraza aýyny ýagşy dilegler, yhlasly ybadatlar, haýyr-sahawat bilen geçirmek halkymyzyň asylly dessurlarynyň biridir.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Baýramy-baýramlara ulaşýan ruhubelent ildeşlerimiziň mukaddes Oraza aýynda Siziň adyňyza aýdan alkyş-dilegleriniň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileýäris! Size berk jan saglyk, uzak ömür, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň at-abraýyny dünýä doldurmakda uly-uly üstünlikler arzuw edýäris! Goý, her bir adamyň eden ýagşy amallary, dilegleri Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ildeşlerimizi ähli musulmanyň iň mukaddes baýramlarynyň biri bolan Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynda metjitlerde ata Watanymyzyň gülläp ösmeginiň, halkymyzyň bagtly we abadan durmuşda ýaşamagynyň, ruhy-medeni gymmatlyklarymyzy hem-de parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik, raýdaşlyk ýaly ýörelgelerimizi artdyrmagyň bähbidine, milli agzybirligimizi we jebisligimizi has-da berkitmegiň hatyrasyna doga-dilegler edildi. Şunda ýaşlaryň ynsanperwerlik, watansöýüjilik we paýhasly pederlerimiziň döreden asylly ýörelgelerine ygrarlylyk esasynda terbiýelenmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Alyp barýan ähli sogap işleriňiz üçin halkymyz Size alkyş aýdyp, Allatagaladan başyňyzyň hemişe dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny dileýär. Ýurduň gülläp ösmegi, halkyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagy üçin alyp barýan işleriňizde Size güýç-kuwwat dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ
ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!

Сердечно поздравляем Вас со священным Ораза байрамы, преисполненным высокими духовнонравственными ценностями и объединяющим народы!

Ораза байрамы – один из древнейших праздников, обеспечивающих неразрывную связь времён, поколений и культур, утверждающих высокие моральные принципы и торжество гуманизма. В этом празднике, истоки которого уходят в глубь тысячелетий, сконцентрированы огромное культурное и духовное наследие человечества, традиции дружбы.

Щедрость, стремление к добросовестной и честной жизни – эти качества издревле определяли туркмен как нацию с открытым сердцем и богатым духовным миром.

В последние годы под Вашим мудрым руководством страна достигла огромных успехов в государственном строительстве и возрождении нации в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства.

Ещё раз, поздравляем Вас и весь народ Туркменистана со священным Ораза байрамы!

Желаем Вам крепкого здоровья и успехов, а братскому народу Туркменистана - процветания и благополучия.

**С глубоким уважением к Вам,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,
Генеральный директор филиала Китайской
Национальной Нефтегазовой Корпорации
«Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynda ýurdumyzyň dünýädäki abraýynyň, şan-şöhratynyň has-da belende galmagy, ýurt abadançylygy hem-de rowaçlygy üçin doga-dilegler edildi. Bularyň ählisi ata-babalarymyzyň mukaddes ýörelgelerine eýerip, biziň buýsanjymyz bolan eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda yhlasly zähmet çekýän, döredýän, gurýan halkymyzyň agzybirligini has-da pugtalandyrýar, nesillerimizi watansöýüjiligiň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýeleýär, şöhratly geçmişimize, şu günümize, geljegimize buýsanjymyzy has-da artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Agzybir halkymyzy eşretli durmuşa alyp barýan **hormatly Prezidentimiz** – Size işleriňizde rowaçlyk, mähriban halkymyza asuda asman we bagtyýar durmuş arzuw edýäris! Arzuwlaryň hasyl bolýan aýynda Size Beýik Biribardan berk jan saglyk, uzak ömür dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

### TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

Biz Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowy we ähli türkmen halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Goý, päklenmegiň, toba etmegiň belent nyşany hökmünde Allatagalanyň ynsan kalbyna bagyş eden mübärek Gadyr gijesinde edilen doga-dilegler, alkyş-ybadatlar Hakyň dergähinde kabul bolsun!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

### ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

Мы от всего сердца поздравляем уважаемого Президента Туркменистана Сердару Бердымухамедова и весь туркменский народ со священным мусульманским праздником Ораза байрам!

Пусть Всевышний примет все молитвы и желания, обращённые к нему в священную ночь месяца Рамазан, ниспосланную им нашим душам в качестве знамения свыше, призывающего нас очиститься от грехов и искренне раскаяться!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk-de pajarlap ösmeginiň, güllemeginiň hatyrasyna Siziň alyp barýan işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny Allatagaladan dileýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyzyň beýleki milli baýramlary bilen birlikde, bu baýram hem eýe bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň saýasynda bellenilip başlanan baýramlaryň biridir. Ata-babalarymyzyň däp-dessurlaryny dowam etdirýändigiňiz üçin Size tüýs ýürekden alkyş aýdýarys! Siziň ýol-ýörelgeleriňize ýürekden uýýan ruhubelent, agzybir halkymyz hemişe Siziň bilendir!

**Hormatly Prezidentimiz!** Baýramy baýrama ulaşyp gidýän ruhubelent ildeşlerimiziň mukaddes Oraza aýynda Siziň adyňyza aýdan alkyş-dilegleriniň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileýäris! Size berk jan saglyk, uzak ömür, jogapkärli işiňizde uly-uly üstünlikler hemra bolsun! Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň at-abraýyny dünýä doldurmak mundan beýläk-de Size miýesser etsin! Bagtyýarlyk döwrümizde ähli halkymyz Siziň daşyňyza has-da jebisleşip, agzybirlikde we bolelinlikde ýaşasyn!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan baş direktory Ý. GURATOW.**



BANK SADERAT IRAN
Ashgabat branch

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

Sizi hem-de türkmen halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Täze üstünliklere sary öňe barýan Türkmenistanda tutuş musulman ymmaty üçin mukaddes Oraza baýramy bellenilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mukaddes Oraza baýramy milli däp-dessurlara, gadymy adatlara laýyklykda giňden bellenip geçilýär. Oraza aýy agzybirligiň, dostlugyň we ruhubelentligiň aýydyr. Mukaddes Oraza aýy – ruhy taýdan tämizligiň hem-de haýyr-sahawatyň aýy hasaplanýar. Asylly we sogap işleri etmek üçin ähli döwürde hem mümkinçilik bardyr, emma Oraza aýynda edilýän sogap işleriň ähmiýeti has-da uludyr. Oraza aýynda adamlaryň arasynda birek-birek bilen ysnyşykly gatnaşyklar has-da berkeýär.

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

Siziň Eýran Yslam Respublikasyna amala aşyran resmi saparyňyz iki doganlyk halkyň arasyndaky gatnaşyklara täze itergi berdi. Taryhyň dowamynda biri-birine goňşy bolup ýaşap gelýän türkmen we eýran halky Oraza baýramyna uly ähmiýet berýär. Sizi hem-de türkmen halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Agzybir türkmen halkyny eşretli durmuşa alyp barýan **çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti** – Size işleriňizde rowaçlyk, türkmen halkyna asuda asman we bagtyýar durmuş arzuw edýäris! Arzuwlaryň hasyl bolýan aýynda Size Beýik Biribardan berk jan saglyk, uzak ömür, tagat-ybadatlaryňyzyň, doga-dilegleriňiziň we sahawatly işleriňiziň kabul bolmagyny dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Dolandyryjy Soruş HASSANI.**

IKCO

## IRAN KHODRO Industrial Group

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

Sizi musulman dünýäsinde mübärek baýramlaryň biri bolan mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Köküni asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan Oraza baýramy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halky tarapyndan giňden bellenilýär. Milli däp-dessurlaryň dikeldilmegi bilen birlikde, Oraza baýramynyň hem tutumynyň uludan tutulmagy Türkmenistanyň raýatlarynyň ruhuny has-da belende göterýär.

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

Oraza aýy dünýäniň ähli musulmany üçin mukaddesdir. Halklarymyz hem bu aýda agyz bekläp, doga okap, mukaddes baýramçylygy şatlyk bilen belläp geçýär. Häzirki döwürde Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky hemmetaraplaýyn gatnaşyklar has-da giňeldilýär. Şu baýramçylyk güni ýurtlarymyzyň rowaçlyklarynyň bähbidine alnyp barylýan işleri aýratyn bellemek isleýäris.

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

Siziň janyňyz sag, işleriňiz rowaç, belent başyňyz aman bolsun, tutulan orazalar, berlen sadakalar, edilen doga-dilegler Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Süňňi halallygyň, agzybirligiň, rysgal-berekediň baýramy bolan Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN HODRO AŞGABAT KO» golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**